DERÝA BAÝRAMGULYÝEW

# MENIŇ DOSTUM GURBANNAZAR

Aşgabat – 2007

BBK 63.3 (2)
B 20

**Baýramgulyýew Derýa.**
B20 **Meniň dostum Gurbannazar.**
Aşgabat, 2007 – 96 sah.

Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen Milli Dünýä dilleri institutynyň baýry mugallymy Derýa Baýramgulyýew ady belli türkmen şahyry Gurbannazar Ezizow bilen ýakyndan gatnaşan, içen suwy aýra gitmedik adam.

Awtor bu kitabynda ýegre dosty şahyr Gurbannazar Ezizow bilen baglanyşykly wakalar hakda gürrüň berýär.

Kitap örän gyzykly okalýar. Şahyr Gurbannazar Ezizowyň nähili şahsyýet bolandygyna, dostlary bilen nähili gatnaşandygyna, nähili arzuw-hyýallar, maksatlar bilen ýaşandygyna, nähili kynçylyklary başdan geçirendigine şu çaklaňja kitaby okan adam göz ýetirip biler.

**ISBN 5-7838-1150-5**

© *Baýramgulyýew D., 2007 ý.*

*“Dogan-garyndaşy bize Hudaý berýär, ýöne Hudaýa şükür, dostlary özümiz gazanýarys.*
*Gurbannazar Ezizow.*

## ELKYSSA

Gurbannazar biziň bilen degşerdi:

— Biziň haýsymyz: Gurbannazar, Tokar, Derýa, öň öleris, hany biliň şuny, bu gaty gyzykly zat, şeýle dälmi, Derýa?! – diýip Tokara ýylgyryp seredérdi.

— Men hakyky şahyr bolýan bolsam, onda men ir ölerin, hakyky şahyrlar elmydama ir ölýärler.

Tokar bolsa:

— Hany, goýsaňyzlaň biderek gürrüňleri, ondan-a bir goşgy okap ber — diýerdi.

Gurbannazar bolsa ýene çyna berimsiz edip degişmesini dowam ederdi:

— Ýok, ýok, dur entek Tokar, sen bilýärmiň, deňizde gämiler agyr ýagdaýa düşen halatlarynda adamlaryň nädýänlerini?

— Bilýän, näme bilmän, biri-birlerini iýýärler.

— Bilýän bolsaň, ýene-de bir diňläp gör. Olar umman içinde bir gaýykda galan mahallary ençeme

gün açlykdan soň, ölmez ýaly gaýykdaky iň semizinden başlap iýýär ekenler.

— Ýok, Gurbannazar, arkaýyn bol, biz Derýa bilen gürleşäge-de seni, sen aramyzda iň ejizi ahyryn, iýer goýberäýeris, şeýle dälmi, Derýa? — diýip, Tokar güldi.

Gurbannazar bolsa:

— Eh, siz, şahyram bir iýler oguşýa, bulardan hemme zada garaşaýmaly — diýip güldi.

Bu dünýä baky gelen ýalydyk. Ýürekdeş gatnaşyklar, oturylyşyklar, degişmeler bize baky berlen ýalydy. Arkaýyndyk, bagtyýardyk.

Eh, meniň mähriban dostlarym, doganlarym! Altmyşa ser urup, bu gün bu dünýä bäş günlüjek myhman gelendigime indi düşünip galdym.

Bu durmuş juda süýji. Bu durmuş, dogrusy, eziz janyňdanam süýji. Geçen günleriň ýatlamalary näzenin zenan deýin melul edýär. Aý, hawa-da, ýaşlykda owadan zenanlaryň owadanlygy melul edýärdi, bu gün — şol eziz günleriň süýjüligi.

Allatagala şükür edýän, ol ýaşyň bir çene barsa-da, lezzetsiz goýanok. Ýaşyňa görä, lezzet alar ýaly bir zatlar tapyp berýär. Her gün talyplaryň öňüne baranymda geçen günlerimi ýatlaýaryn. Olaryň gözelligi maňa itergi berýär. Olar meniň ýatlamalarymy uly höwes bilen diňleýärler.

Men Allatagaladan müňde bir razy. Ol maňa döwletli ömür berdi, ol maňa perişde sypat dostyýar berdi. Elim uzadan ýerime ýetýär.

Gurbannazar dostum şu günki günümizi bir gören bolsady...

✵✵✵✵

## ÝATLAMA KITABYNY ÝAZMAK PIKIRI

Eý, Gurbannazar, men şu kitaby ýazmak pikiri bilen kän ýyl gezdim. Men edil däli-diwana deýin seniň bilen hyýalymda gürleşdim. Seniň bilen dutar çalyşdym. Seniň bilen süýji-süýji gürleşdim. Seniň bilen baglanyşykly wakalar meniň hiç ýadymdan çykanok.

Gurbannazar! Allatagalanyň seniň bilen dost-dogan edendigine meniň minnetdarlygymyň çägi ýok. Seniň bilen baglanyşykly iň bir ähmiýetsiz hasaplanjak wakalaram ýadymdan çykaramok.

Gurbannazar! Maňa dostlarym köpden bäri sen barada ýatlama ýazmagymy haýyş edip ýörler. Puşkiniň, Nekrasowyň, Belinskiniň döwründe bolşy ýaly, neşirçiler indi türkmende-de döredi, muňa guwansa bor. Ýadyňa düşýärmi, bir kitabyňy çykarjak bolsaň näçe kynçylyklar bardy, bu günki gün bolsa ol kynçylyklar ýok, ýazyp bilseň, bes. Sen bolsa, "Ýetginjek" diýen goşgyňda:

Meň ullakan adam bolasym gelýär,
Näme üçin meni goýberenoklar?!

— diýip, belki, kitabyň çykarylmaýanlygyny, belki, başga bir göwün isleglerіň amala aşmagynda öňde peýda bolýan böwetleriň barlygyny ýaňzydýardyň. Köňlüňdäki ýagşy niýetleriň aňsatlyk bilen başa barmaýandygyna, dogrusy, geň galýan ýalydyň. Bu — ýaşlar bilen ulular arasyndaky gapma-garşylygyň gynandyryjy hakykatydyr.

Sen barada ýazmagyň juda jogapkärlidiginede düşünýärin. Ýöne seredip oturam, seniň bilen ençeme ýyllap duz-emek bolup, jedelleşip, oturyp-turşup ýörenler hem seýrekleşip barýarlar: Kerim Gurbannepesow, Halyl Kulyýew, Beki Seýtäkow we başgalaryň sanawyny uzaldyp oturmaýyn. Bu bir durmuşyň, tebigatyň kanuny-da. Onsoňam biziň türkmenlerimiz gaýry ýurtlaryň halklary ýaly döwürdeşleri barada ýatlama ýazsalar, geljekki nesil üçin seniň ýaşap geçen döwrüňi, ýoldaş-u-dostlaryňy has ýakyn tanamaga uly kömek bolarmyka diýýärin. Edil şu wagt-a seniň sesiň gulagymda ýaňlanyp duran ýaly. Diňe özüň üçin mahsus goşgy okaýşyňy başga hiç kimden eşidemok.

...Gazaply kazy deý, mydam başymda,
Sagat çot kakyp dur şyk-şyk-şyk.
Düýnüň özem garaşýardym ýaşlyga,
Bu gün bolsa geçip barýar şol ýaşlyk...

Sensiz ýaşap ýörenimize eýýäm 25 ýyl geçipdir. Bütin bir jahyl ömri. Türkmeniň “Ömür keýigiň şahynyň kölegesinde kölegeleýän ýaly”

diýmesine indi düşünýän... Seniň setirleriňi ýatlaýaryn:

... Düýnüň özem garaşýardyk ýaşlyga,
Bu gün bolsa geçip barýar şol ýaşlyk...

Hawa, Gurbannazar! 1999-njy ýylyň Ruhnama aýynyň 29-yna men institutyň iňlis dili fakultetiniň 402-nji toparyna sapak bermäge girdim. Talyplaryň özüni alyp barşy, birhili, hemişekisi ýaly däl bolup gözüme göründi, stoluň üstünde bolsa iki sany tort tertiplije goýlupdyr. Men talyplara:

— Bu gün kimiň doglan güni, hany, aýdyň, menem gutlaýyn — diýdim. Şonda toparyň starostasy ýerinden turup:

— Ýoldaş mugallym, şu gün siziň dostuňyz Gurbannazar Ezizowyň dünýäden öten güni, şonuň üçinem biziň talyplar toparymyz şu günki sapagymyzy Gurbannazar Ezizowa bagyşlap geçireliň diýdik. Gurbannazar Ezizowyň goşgularyndan her talyp iki-üç sanysyny ýat tutup geldi, sizem, ýoldaş mugallym, Gurbannazar Ezizow barada biraz gürrüň berseňiz, bizem onuň goşgularyndan okasak, onuň ruhuny şat etdigimiz bolar, nähili görýäňiz, ýoldaş mugallym?!

Men birbada aljyradym, ýüregim gürs-gürs edýärdi, ine, öňümdäki oturan talyplar. Olaryň dostum Gurbannazar Ezizowyň döredijiligine uly baha berip, ol barada köp zat biljek bolýandyklaryna men juda begendim.

Ynha, indem şol talyplar goşgy okap başladylar:

Sag bol ene mekan,
Süýt emen ýerim,
Aglama ene jan,
Gaýdyp gelerin.
Süpür gözýaşyňy,
Bes et ahyňy,
Il üçin dogrupdyň
Düşün ahyry.

Döşüni paralap
Duşman güllesi,
Watan howp astynda
Duryan pillesi.
Merdem bol, ene jan,
Bes et ahyňy,
Men halkyň perzendi,
Düşün ahyry!
Tämizläp duşmandan
Mukaddes ýerim,
Sag-aman ýanyňa
Gaýdyp gelerin!...

***

Sen gözel däl, sen köpleriň biri sen,
Sen gözel däl, sen ömrümiň ykbaly.
Bolubersin gözelleriň ýetmezi,
Sen gözel däl, kemçiligiň bor ýaly.

***

... Men seni goradym ýaman gözlerden,
Jalaý ýigitleriň her garaýşyndan,

Sowuk gybatlardan, sowuk sözlerden,
Tükenmez ýyllaryň gara gyşyndan...

***

...Neçüýn beýle bolýar? Ilki ýalňyşyp,
Soňra ökünç bile egilip ýörüs!
Jaýymyzda çilim çekip, tüsseläp,
Soňra tüssämize bogulyp ýörüs!...

Meniň rus edebiýatyndan mugallym bolanymyň hatyrasyna öýdýän, bir ýigit bilen bir gyz Gurbannazar Ezizowyň “Rus halk aýdymyna öýkünme” goşgusyny okap berdiler:

— Milenkiý, ty moý,
Wozmi, menýa soboý.
Tam w kraýu dalýokom,
Budu tebe ženoý.

— Synym düşdi saňa oglan,
Derdiňe derman bolaýyn.
Äkit oglan, äkit meni,
Wepaly aýal bolaýyn.

— Milaýa moýa,
Wzýal by ýa tebýa,
Tam w kraýu dalýokom,
Ýest u menýa žena.

— Äkiderdim, näzenin gyz,
Ýöne diňle beýanymy:
Ýedi ýyldyr bagry girýan
Gözi ýolda aýalymyň...

— Synym düşdi saňa oglan,
Suwsaňda derýa bolaýyn.
Äkit oglan äkit meni
Jana-jan uýaň bolaýyn.

— Äkiderdim, näzenin gyz
Ýurdumda çaýkanýa derýa.
Ýedi ýyldyr bagry girýan
Gözi ýolda ýalňyz uýam.

— Synym düşdi saňa oglan,
Sensiz sargaryp solýan.
Äkit oglan, äkit meni,
Gapyňda gyrnak bolaýyn.

— Aýaklary misli gazal,
Bedewimiň gözi ýolda,
Sowul ýoldan näzli gözel,
Gyrnak söýülmez biz ilde.

— Milaýa moýa,
Wzýal by tebýa,
No tam w kraýu dalýokom,
Çužaýa mne ne nužna.

Kerim Gurbannepesowyň käbir oturylyşyklarda şeýle diýmesi bardy: “Göz öňünde tutulan duşuşyklardan tötänden bolan duşuşyklar, oturylyşyklar gowy bolýar”. Bu gezegem şeýle boldy. Sapakda bolup geçen garaşylmadyk söhbet meni biçak tolgundyrdy. Begenjime, sen barada ýatlama ýazmaklyga talyplaryň öňünde söz berdim. Ynha, indem şol sözümde tapylmak üçin şol ýatlamany ýazmaga girişdim.

## ALLES ANFANG IST SCHWER – ÄHLI ZADYŇ BAŞLANGYJY KYN

Nemesler hak aýdypdyr: alles Anfang ist schwer — ähli zadyň başlangyjy kyn. Işe başlamak — eýýäm işiň ýarysyny bitirene deň hasaplanýar. Iň esasy zat, men ýazmaga başladym. Diýmek, kitabyň ýarysy taýýar. Gurbannazar, men bu ýatlamany nähili ýazjagymy, haýsy edebi žanry, görnüşi ulanjagymy bilmedim. Ahmet Gurbannepesow:

— Derýa, sen forma gözläp ýörme-de, ýadyňa düşen zatlary ýazyber. Indi Ezizow baradaky her bir deliliň ýyl geçdigiçe gymmaty artar.

Men ýene-de oýlanýaryn, nämeden başlasamkam, haýsy ýerden alyp gitsemkäm diýip ýörkäm, Lew Tolstoýyň terjimehalyny ýazyşy ýadyma düşdi. Tolstoý hem öz terjimehalyny nämeden başlasamkam diýip ýörkä, onuň bir dosty:

— Sen özüňi bilip başlan wagtyňdan alyp gaýdaý — diýipdir.

Tolstoý onsoň şu sözler bilen başlaýar: "Men gara diwanyň üstünde ýatyryn, meni gundaýarlar, maňa bu ýaranok, men gygyrýaryn..."

Men Gurbannazar bilen ilkinji duşuşan pursadymdan gürrüň berip başlaýyn.

... 1960-njy ýylda men Türkmen Döwlet Uniwersitetiniň rus dili we edebiýaty fakultetine okuwa girdim. Şol ýylyň güýzünde uniwersitetiň häzirki jaýy ýetişdirilip, oňa talyplar Köşi bagyndaky uniwersitetden gelip okuwa başladylar. Türkmen, rus, taryh fakultetleri bitewidi, şonuň üçinem talyplar biri-birini tanaýardylar. Aşakky kurslaryň talyplary ýokarky kursdakylara syn ederdiler, olar bolsa tersine, — aşakky kursdakylara.

— Beh, talyplar ýaman ownuk görünýärle-how — diýip aýtdy, soňam olaryň biri meniň kursdaşymdan:

— Sen näçe ýaşyňda? — diýip sorady. Kursdaşym:

— On ýedi — diýdi.

— A sen näçe ýaşyňda? — diýip, menden soranda, menem: “On ýedi” diýip jogap berdim.

— Baý-bow, bular juda ýaş-la — diýdiler.

Indi görüp otursam, şol ýyllar talyplaryň köpüsi, bizden öňki kursdakylar 20-30 ýaşlarynda ekenler (uruş sebäpli okuwa giç giripdirler), biz bolsak, olaryň gözüne hakykatdan-da gögele görünýän ekenik. Ýene-de bir aýratynlyk: filologiýa (türkmen-rus dilleri) fakultetinde okaýanlaryň hemmesi diýen ýaly geljekde şahyr, ýazyjy, hatda kompozitor hem, şahyr hem bolup ýetişdiler.

Uniwersitetiň üçünji gatynda durkam kimdir biri:

— Hanha, Gurbannazar Ezizow barýar, ol Hojaberdi Hanowa bagyşlap gowy goşgy ýazypdyr... — diýdi.

...Gijä galyp barýaň — okuw başlanjak,
Öňüňde ýapgyt däl, dim-dik basganjak.
Ýaýdanýaň, seredýäň depäňe bakan:
"Ah, nädip çyksamkam, nädip çyksamkam?

...Häzir bolsa galdy soňky basgançak,
Basym çyk, basymjak okuw başlanjak!...

Ynha, men seni şonda birinji gezek yzyňdan görüp galdym. Altmyşynjy ýyllaryň ýazyjy-şahyrlarynyň döredijiligini alymlar entek öwrenerler. Men alym bolmamsoň, bu barada gürrüň etjek däl. Emma şol döwrüň şahyrlaryna, ýazyjylaryna, sazandalaryna biziň — ýaşlaryň garaýyşlarynyň uly söýgä ýugrulandygyny welin, ýatlasym gelýär. Biz olaryň goşgularyny ýat tutardyk, özlerem bize goşgularyny okap bermegi gowy görerdiler. Biz, ýaşlar, olaryň döredijiliginiň aşygydyk. Olaryň ýanynda bolmak, goşgularyny diňlemek, bardy-geldi dostlaşyp bilsek, bizden bagtly adam ýok ýalydy.

## GÖKDEREDE BAŞLANAN DOSTLUK

Şol ýyllar tomus kanikuly döwründe talyplar Gökdere jülgesinde (öňki Çüli) dynç alýardylar, ol ýerde talyplaryň lageri bardy. Birnäçe talyplar Arçabilde (öňki Pöwrizede, Çülide) dynç alýan çagalar bilen lagerde işleýärdiler. Bu ýerde dynç almak gowudy. Uniwersitetiň hemme fakultetleriniň talyplary bu ýerde tomsuna dynç alýardylar. Esasanda, Aşgabatda ýaşaýanlar dynç alardylar, welaýatlardan gelip okaýanlar tomsuna öz öýlerine gaýdardylar. 1961-nji ýylyň tomsunda men kursdaşym Mommak bilen şu lagere dynç almaga barypdym. Mommak Aşgabat şäheriniň 29-njy orta mekdebini gutarypdy, şu mekdebi Gurbannazar Ezizow hem gutarypdyr. Mommak bilen Gurbannazar öňden tanyş ekenler. Men Mommagyň üsti bilen Gurbannazara has ýakynlaşdym.

Talyplaryň dynç alyş lagerinde wagtyň gyzykly geçmegi üçin günde-günaşa haýsam bolsa, bir oýun guralardy, edebi agşamy, aýdym-saz agşamy, sportuň dürli görnüşleri boýunça ýaryşlar geçirilerdi. Ýeke talyp hem bu guralýan agşamlardan, ýaryşlardan

çetde durman, hemmesi gatnaşardy. Şu ýerde men Gurbannazar Ezizowyň diňe goşgy ýazmak bilen däl-de, sport bilen hem meşgullanýanyny gördüm. Ol woleýboly gaty gowy oýnaýardy, ylgamakda bolsa, ondan öňe saýlanýan ýokdy. Seredip otursam, Gurbannazar Ezizow 1956-njy ýa-da 1957-nji ýyllarda Aşgabat şäheriniň ýetginjekleriniň arasynda geçirilen ýaryşda birinji ýer alan eken. Küşt oýnamany gaty gowy görýärdi. Küşt barada entek gürrüň ederin, ýöne onuň saza aşykdygyny welin, şu ýerde bilip galdym.

Günleriň birinde Gökderäniň salkyn baglarynyň arasynda gezip ýörkäm, gulagyma hoş owaz eşidildi, klub tarapdan pianinoda çalynýan sazyň owazy özüne tabyn edip barýardy. Men bu gün agşam saz agşamy bolar diýip kluba tarap ýöräp, Aşgabatdan haýsy pianinoçy geldikä, ony görüp galaýyn diýip bardym, görsem, ynha, Gurbannazar saz çalyp otyr. Ol döwür türkmenler pianinony az çalardylar, bu biz üçin geň guraldy.

— Baý-bow, sen-ä sazanda ekeniň, beýle çalýan bolsaň, onda men Aşgabada gidip, öýden gyjagymy getireýin, onsoň goşup çalarys — diýdim.

— Gyjagyň bolsa getiräý, näme ony çalmak üçin alansyň-a, näbileýin-dä, çalyp bilýän bolsaň, ony şunuň ýaly ýere getirmän, nirede çaljak?

Gurbannazar, sen maňa şonda ynanmadyň, meniň türkmeniň iň gadymy saz gurallarynyň biri bolan gyjagy çalyp bilýänligime ynanmadyň, ýadyňdamy? Bu meniň çetime degdi. Men öýkämi daşyma çykarjak bolup durman ýuwdundym. Şolbada awtobusa münüp öýe gaýtdym-da, agşama

çenli gyjagymy alyp, Gökderä öwrülip bardym. Indi-indi oýlanýaryn: şol gezek Gurbannazar meniň çetime degmedik – gyjak çalyp bilýändigime ynanmazlyk etmedik bolsa, onda men Gökdereden awtobusly Aşgabada gaýtmazdym. Şol wagt meniň aňymda tenha bir pikir bardy. Ol pikir hem özümiň gyjak çalmakda ussatdygymy Gurbannazara subut etmekdi.

Ýatýan ýerimizde talyplar ýokdy, agşam nahardan soň kimse kino, kimse suwa düşmäge, kimse-de peýwagtyna baglaryň arasynda dynç alýardylar. Men kino gutaryp, adamlar klubdan çykyp başlaýan badyna gyjagymy düzdüm-de, (bu gyjak biziň goňşymyz meşhur Çary Gurbanowyň maňa eden dört kirişli sowgadydy) çalyp başladym. Talyplar şol bada daşyma üýşüberdiler. Gurbannazar bolsa: "Muňa serediň-ä, geň zat, öz-ä türkmençe gürläninden rusça gürlänini kem görenok. Munuň türkmençe saz çalşyn-aý, haçan öwrenip ýörsüňhow?! Indi menem Aşgabada gidip dutarymy alyp gelmesem boljak däl" diýdi.

Ýöne, dutar üçin Gurbannazary Aşgabada ugratmadyk, sebäbi dutar şu ýerde-de bardy. Ana şondan soň Gurbannazar ikimiziň tanyşlygymyz dostluga öwrüldi soňundan ýegre dosta öwrüldik. Günde diýen ýaly ikimiz dutar bilen gyjagyň ýakymly owazyny gözel Gökdere jülgesine doldurardyk.

## GURBANNAZAR EZIZOW WE TÜRKMEN MILLI SAZY

Gurbannazaryň saza bolan söýgüsi juda uludy. Ol türkmen mukamlary radioda çalnanda ilkinji şelpelerinden haýsy sazdygyny tanardy. Diňe sazy tanamak däl, eýsem kimiň çalýandygynam bilerdi. Mylly Täçmyradowyň, Pürli Saryýewiň, Çary Täçmämmedowyň çalýan sazlarynyň-a aşygydy. Her saza üýtgeşik, özboluşly garaýyş bardy. Pürli Saryýewiň "Kerem geldi" sazyny durky bilen diňlärdi, emma şol sazandanyň "Aýna" diýen sazyna, Çary Täçmämmedowyň "Daglara bar" sazyna düşünemok diýerdi.

Gurbannazar dutar alyp şelpe kakmany, käbir ýeňil sazlardan çalmany gowy görerdi. Pürli Saryýewiň "Şatlyk" sazyny başdan-aýak bilerdi, ikimiz goşup çalardyk welin, şuňa çaga ýaly begenerdi. Gurbannazaryň saza bolan söýgüsi barada giňişleýin gürrüň etmäge maglumatlar köp. "Gurbannazar we dünýä halklarynyň aýdym-sazlary" diýip, ýene-de köp gürrüň etseňem boljak. Belki, bu barada Gurbannazar bilcn gowy

gatnaşykda bolan sungatçylar hem ýazar. Ol ylaýtada, türkmen bagşylaryny gowy görerdi. Magtymguly Garlyýewe — ägirt, Sahy Jepbarowa — beýik diýerdi. Magtymguly Garlynyň aýdymlaryny diňlände "Be, özi bir doýdumyka şu aýdymlaryndan, sered-ä munuň bokurdagyny gaýnadyşyna, ýok-ýok, meniň ýaly muny diňläp bilýän dälsiňiz" — diýibererdi. Sahy Jepbarowa "O, dýadýa Saşa poýot. Derýa, smotri, çto delaýet-a?" diýýärdi.

Men Gurbannazara beşirli ady belli Öwlüýäguly bagşyny öýümizde diňlänimi aýdanymda göwni hoş bolup, Öwlüýäguly bagşy barada eşidenligini, emma ony görmedigine gynanýanlygyny aýtdy. Men indi-indiler şol bolan gürrüňleri ýatlap, Gurbannazaryň Öwlüýäguly bagşydan hem habarlydygyna haýran galýaryn. Meniň pikirimçe, ärsary ýolundan aýdym aýdyp, özboluşly uly ýoly goýup giden bagşynyň mirasy häzire çenli ýeterlikli öwrenilenok. Şol bir wagtdada Gurbannazaryň hemme zada — sungada-da, medeniýede-de, türkmeniň aýdym-sazynyň gadymy ýollaryna-da, umuman aýdylanda, ähli zada gaty uly üns berenligine, onuň ýaşap geçen döwrüniň talaplaryna garamazdan, olary özbaşdak öwrenenligine seredip, ony beýikleriň hatarynda goýasym gelýär.

Gurbannazaryň öýünde Tuwakgylyç Gurbannyýazow ençeme gezek myhmançylykda bolupdyr. "Şu bagşy-da zehini Taňry tarapyn berlenlerden bolmaly, ýöne muňa az üns berilýär" diýerdi, haçanda men bu bagşyny tanaýanlygymy, ony Kerkide, Gyzylaýakda köp diňlänimi

aýdanymda göwni hoş bolardy. “Zenan bagşylara nähili baha berjek” — diýip sorasaň, ol:

— Nurjemal Rejebowanyň, Sülgün Meretgeldiýewanyň, Nabat Nurmuhammedowanyň, Roza Hudaýbergenowanyň gadyryny entek bilerler, howlukma — diýerdi.

Ýaş bagşylaryň arasynda Mäne Garaýewi, Oraznepes Döwletnazarowy bellärdi. Bir gün olaryň öýlerinden ördük, şonda Gurbannazar:

— Derýa, ýör, Mänelere gidip, bir-iki aýdym diňläli, senem gyjagyňy al, hezillik bor-ow — diýdi.

Men:

— Gurbannazar, gelşiksiz bolaýmasa, irden bagşynyň öýüne gyjagymy süýräp baryp: ”Hany, bir-iki aýdym aýdyp ber, men gyjakda kowalaýyn” diýsem, nähili bor-aýt? — diýdim.

— Hiç hilem bolmaz, woobşe, şahyr, bagşy, sazanda — bular il adamsy, şonuň üçin olaryň gapylary hemişe açyk bolmaly — diýdi.

Biz ir sagat onlara Mäne Garalara bardyk, görsek, ýeke özi, elinde dutary, öňünde magnitofony, özi aýdym aýdyp berip oturan ekeni. Mäne myhmansöýerlik bilen bizi garşylap, öz öýünde bir-iki aýdym aýdyp berdi. Soň Gurbannazar:

— Görýäňmi, Hudaý maňa ses berdi diýip oturanok, özüni kämilleşdirýär, ine, şeýdip ussat bolunýar — diýdi.

Mänelerden soň men Gurbannazara Oraznepes Döwletnazarowlara gideli, men Oraznepesiň ýanynda, Baýjan Işanyň ýanynda käwagtlar gyjak çalýardym — diýdim. Oraznepes öýlerinde ýok

ekeni. Şu ýerde Oraznepesiň bir aýdan pikirini ýatlaýyn.

Altmyşynjy ýyllar türkmenleriň arasynda pianino, klarnet, truba, dep, akkardeon ýaly gurallar giň ýaýrap başlady. Oraznepesiň ýüreginde türkmen aýdymlarynyň geljegi howsala döredýärdi öýdýän. Ol maňa:

— Derýa, şu gidişine gitse, ýene 20-30 ýyldan türkmen bagşysy diňlenjegem däl öýdýärin — diýdi.

Men:

— Ýok, Oraznepes, türkmen dünýäde ýaşasa, onuň sungaty ýaşar, esasanam bagşyçylyk sungaty hiç wagt ýitmez — diýdim.

— Hernä şeýle bolsun-da!

Häzir professor Oraznepes Döwletnazarow türkmen konserwatoriýasynda ýaş bagşylara sapak berýär. Meniň ýaňky aýdan sözlerime şu günüň zehinli ýaş bagşylary Parahat Şyhymow bilen Kyýas Durdyýew dagy güwä geçýärler. Ikisem, tüweleme, göz degmesin, geljekde atly-abraýly, ussat bagşy bolar diýdirýär. Ýene-de bir guwandyryjy zat — türkmen telewideniýesinde Bozagan Amanow täze aýdym-saz toparyny döredipdir. (Men ony tanamok, konserwatoriýada mugallym bolup işleýär diýdiler). Şol toparda türkmeniň bagşyçylyk ýollarynyň tas ýiteňkirlänleri täzeden dikeldilýär. Bu toparyň ýaş bagşylary änew ýolundan, ärsary ýolundan, Mary, Lebap, Balkan, Daşoguz, Ahal ýollarynda hem-de türkmen bagşyçylyk äleminde uly yz galdyranlaryň ýollaryndan şeýle bir ussatlyk bilen aýdym aýdýarlar welin, türkmeniň bu beýik sungatynyň hiç haçan öçmejegine ýene bir gezek göz ýetirýärsiň.

Begenjiňden gözüňe ýaş aýlanyňy duýman galýarsyň...

Men bir zady halamokdym, ol hem türkmen bagşy aýal-gyzlarynyň jukguldap, aýdymy bokurdagynda gaýnadyp aýtjak bolmagy. Men: "Jukguldy diýlen zat erkek adama mahsusdyr. Gurbannazar, men-ä aýal maşgala jukguldy ediberse, göwnüme bolmasa, şol aýdymyň üstünden gülünýän ýaly bolup görünýär" — diýerdim. Gurbannazar bu pikirim bilen ylalaşýardy.

Jukguldy, bokurdagyňdan gaýnadyp çykaryp aýtmak, seredip otursam, dünýäde üç-dört halkyň aýdym aýdyş usuly eken. Olar: tuwalylar, garagalpaklar, buryatlar. Bu halklaryň geçmişde biz bilen nähili gatnaşykda bolanyna sungaty öwrenijiler hem üns berseler, aýdymy bokurdakda gaýnadyp aýtmakda şu halklaryň nähili arabaglanyşygynyň barlygyny bilmek juda gyzykly bolardy.

Gurbannazar:

— Şu pikiriň goldanmaga mynasyp — diýerdi.

Gurbannazaryň saz älemindäki gözýetimi juda giňdi. Hindi, rus, ermeni sazlaryny gowy görerdi. Eline dutar alyp, şolaryň aýdymlaryna hiňlenerdi. Bir gezek dostumyz Baýram Amangeldiýewiň ekiz inileri Hydyr bilen Ylýas Oba hojalyk institutyny tamamlany sebäpli çakylyk etdiler. Hydyr bilen Ylýas şol çakylykda magnitofona Gurbannazaryň goşgularyny ýazdylar. Men şonda Gurbannazaryň sazandasy bolup, oňa bir-iki sany hindi aýdymlarynyň owazyny aýdyp bermegi haýyş edipdim. Gurbannazar goşgy okady, men ýanynda saz çaldym. Aýratyn dutar çalyp hezil beren köşili

daýhan, ýaş sazanda Aýdogdy Amanmämmetdi. Obada ady Allow diýlip tutulýardy. Ine, indi seredip otursak, şol ýazgylardan başga, Gurbannazaryň kän bir sesiniň magnitofona geçirilen ýeri ýok ekenem. Gör, nähili bolýar?! Adam ýaşap ýörkä bu zatlar, daş-töweregindäki adamlar müdimilik ýaly, emma...

## GURBANNAZAR EZIZOW
## WE
## NURY HALMÄMMEDOW

Gurbannazar Nury Halmämmedow bilen dostdy. Bularyň ikisi hem türkmeniň zehinleri, taýsyz ýigitlerdendi. Her haýsy bir gaýanyň şiridi. Gurbannazar Nurynyň sazlaryna uly hormat goýardy. Onuň "Nar agajyny" Glinkanyň "Nar agajyndan" has ýokarda goýardy. Bu hakykatdanam şeýle. Şol wagtlar Nury Halmämmedow Türkmenistanyň iň belli hem-de söýgüli kompozitorydy. Gurbannazar bilen Nury Halmämmet "Görogly" operasyny döretmek üçin ikisi onuň üstünde işläp başlapdylar. Bu operany döretmek üçin Medeniýet ministrligi bilen şertnama baglaşandyklary ýa-da baglaşmandyklary barada men hiç zat bilemok, ýone Gurbannazaryň şol operanyň librettosyny ýazanlygyny bilýärin, men ony Gurbannazaryň özi bilen bile okapdym, şol libretto soň şahyryň "Saýlanan eserleriniň" "Çykmadyk kitabym" atly ikinji tomuna girizilipdir. Şu operadan bir sazy Sahy Jepbarowa diňletdiler, bagşy şol aýdymy Nury bilen Gurbannazara aýdyp berip, aýdymyň sazy bilen sözleriniň şowly bolup

çykanlygyna begenipdir. Şol aýdymyň sazyny gökdepeli meşhur aýdymçy Öwezmyrat Babaýew Beýik Watançylyk urşuna gatnaşan türkmeniň gerçek ýigitlerine döredilen goşga goşup aýdýar. Aýdym gowy bolup çykypdyr. Nurynyň ol sazyna "Görogly" şadessanyndan hem aýdym bar. Men Nurydan:

— Siziň ýazýan operaňyz entek çykanok welin, ýöne ondaky sazlara eýýäm aýdym aýdýarlar — diýenimde, ol:

— Bu gelejekde şol opera ýazylan sazyň boljakdygynyň şaýady — diýip jogap berdi.

Ýalňyşmaýan bolsam, Nury Gurbannazaryň sözlerine ilkinji bolup saz düzüpdi, şol saz bir kinofilmde aýtdyrylyp, tiz wagtdan meşhur aýdyma öwrüldi:

... Ýagyşy ýaraşar ýaýlaň ýazyna,
Gerçekler bendidir aşyk gyzyna.
Sesin goşup dutar, gyjak sazyna,
Saýrar illerimiň şirin dilleri...

Bu aýdym häzir hem nusgalyk. Nury Halmämmedow bilen Gurbannazar hökman dost bolaýmalydylar, olaryň sungata, edebiýata, saza, umuman, dünýägaraýyşlary köp halatlarda gabat gelýärdi. Nury bilen Gurbannazaryň häsiýetleri biri-birinden tapawutlam bolsa, sungat barada, türkmeniň ykbaly barada söhbet edilende olaryň pikirleri bir ýerden çykýardy, bir ýerde-de birleşýärdi. Olar şeýle bir dostdy welin, kä halatlarda bulary gowy tanamaýan adam daşyndan seredip, käbir hereketlerine haýran galýardylar.

Bir gezek Gurbannazarlaryň howlusynda tapçanyň üstünde Nury Halmämmet bilen Gurbannazar küşt oýnaýardylar. (Olaryň howlusynyň demirgazyk tarapynda şol wagt talyp, häzir alym Gurbangeldi Geldiýew ýaşaýardy). Bularyň küşt oýnaýşyna syn etmek diýseň gyzyklydy. Gurbannazar Nurydan asgynrakdy, Nury küştde ökde, her gezek Gurbannazary utup:

— Ynha, beýik kompozitoryň ediberişi — diýip, Gurbannazara degerdi.

Gurbannazar bolsa:

— Ine, häzir türkmeniň beýik şahyrynyň türkmeniň ýönekeýje kompozitorynyň petigulysyny berşine seret... — diýip, ýene oýna başlaýar. Gurbannazar ýene-de utulýar, emma degişmesini goýanok:

— Eh, sen, saz düzüşiňem küşt oýnaýşyň ýaly bolaýmaly ahyry, sen bar zehiniňi küşte berip, saz düzmäni goýduň-la, soňky ýazýan sazlaryň itiň uwlaýşy ýaly, olardanam bir saz bolarmy? Şeýle dälmi, Derýa?

Men:

— Şu ýerde öz pikirimi aýtmakdan saklanýaryn. Ýöne men size bir hakykaty aýdaýyn. Siz entek hakyky ökdäni göreňzok.

— Kim ol?!

— Men barkam, eýse başga kim bolup biler?! Küşte gezek gelende, men-ä ikiňizem kül-peýekun edermikäm öýdýärin — diýip, ikisine garşy küşt düzüp oýnajak bolýaryn, ýöne olaryň ikisem eýýäm küşt oýnaslary gelenok-da, bir-birlerine has beter degip başlaýarlar:

— Baý-baý-ow, meniň sazlarymy bütin dünýä diňläp ýör, türkmen halky ýaşadygyça meni — Nury Halmämmedi hiç wagt unutmazlar, men ölerin, meniň sazym baky ýaşar, ha-ha-ha!!!

— Seniň sazyňy sen dirikäň hiç kim diňlänok, öleňden soň-a woobşe hiç kime gerek bolmaz, a meniň goşgym welin, elmydama, adamzat dünýäde ýaşasa, ýaşar, ha-ha-ha!!!

Şular ýaly degişmäni diňe ägirtler edip bilýän bolmaga çemeli.

Şu ýerde Tolstoýyň bolşy ýadyma düşýär. M.Gorkiý öz ýatlamasynda Tolstoýyň ýanyna barşyny beýan edýär. Şonda Tolstoý öwünmek öwünipdir:

— Men senden güýçli.

Gorkiý Tolstoýyň bu öwünmesine geň galandygyny, onuň beýikdiginiň aýdylmanda-da aýandygyny aýdýar. Ýöne beýik läheňlerem käteler öwünmek isleýän ekenler. Nury Halmämmet bilen Gurbannazar Ezizowyň aýnap aýdan sözlerine dogry düşünmek gerek, ony kesä çekmeli däl.

Şu ýerde bir duýgymy beýan edeýin. Belki ýalňyşýandyryn, belki, hakykatdyr: küştde üýtgeşik bir güýç bar. Adam küşt oýnanda, näme üçindir, hökman öwünmek isleýär. Meniň özüm-ä şeýle. Eger durmuşda ähli öwünen ýerlerimi bir ýana, küşt başyndaky öwünmelerimi bir ýana goýsak, onda küşt başyndaky öwünmelerim bütin ömrüme öwünmelerimden bäş-on esse artyk gelsin gerek. Dünýä grossmeýsterleri Kasparow, Fişer dagy küşt tagtasynyň öňünde öwünmegiň lezzetiniň üýtgeşik bolýandygyny boýun alypdyrlar.

Rast, grossmeýsterler öwünýär, onsoň özgeleriň hem öwünjekdigi hak.

Şu ýerde Gurbannazaryň küşt barada aýdan pikiri ýadyma düşýär. Ol: “Küşt oýny türkmen halkynyň içinde juda meşhur, bu oýny oýnamaýan türkmen az-azdyr welin, näme üçindir türkmenleriň arasyndan halkara grossmeýsterler çykyberenok” — diýerdi. Türkmeniň düzzüm oýnunyň özi köp zatdan habar berýär ahyryn. Görüp otursak, halkara ussatlygy almak üçin diňe bir seniň ussatlygyň ýeterlik däl ekeni, şu zatlaram Moskwada çözülýän ekeni.

Nury ýygy-ýygydan Moskwa giderdi, döreden eserlerini şol ýerde orkestre geçirerdi, köpräk eglenäýse, Gurbannazar:

— Be, Derýa, Nuryny ýürek küýseýär-le, ýaman köp eglendi-le, ol-a bu gezek bizi ýatlaýanam däldir-le, kellesi saza bir gitse, hemme zady ýadyndan çykaraýýar ol — diýerdi.

Günleriň birinde Gurbannazar maňa telefon edip, Nurynyň gelendigini, şolara gyjagym bilen barmalydygymy aýtdy. Men Nurulara bardym. Nury Halmämmedowyň 11-nji mikroraýonda ussahanasy bardy, onuň jaýynda gowy pianino bardy, stoluň tekjeleriniň üsti notalardan, kartlardan doludy, kart aýtdyrylýandan Raweliň “Balero” diýen sazy eşidilip durdy, bu karty Gurbannazar goýduryandyr, sebäbi ol şu sazy gaty gowy görerdi.

Gurbannazar bilen Nury ikisem küşde gyzyp oturan ekenler. Menem salamlaşanymdan soň:

— Hany, oglanlar, küşdi bir aýyrsaňyzlaň, hezil edip bir saz diňläýeliň — diýdim.

Gurbannazar bu teklibi makullady. Men gyjagymy alyp gelmändim, Nurynyň ýanynda gyjak çalyp oturmak meniň üçin birhiliräkdi.

Gurbannazaryň haýyşy boýunça Nury “Dutaryň owazy” diýen sazyny pianinonyň başyna geçip, şeýle bir çaldy welin, häzire çenli gulagymdan gidenok. Soň-soňlar Gurbannazar bilen Nurynyň sazlary barada ikiçäk köp gürrüň edipdik, ol dutarda, men gyjakda Nurynyň täze döreden sazlaryny çaljak bolýardyk.

— Umuman, saz, kompozitorçylyk sungaty, Gurbannazar, meniň pikirimçe, XX asyryň 50-nji ýyllaryndan başlap juda ösdi. Edil XIX asyr rus edebiýatynda birbada diýen ýaly Puşkin, Lermontow, Gogol, Nekrasow, Tolstoý, Çehow, Dostoýewskiý dagynyň döreýşi ýaly, türkmen kompozitorlaryna XX asyr düşdi. Hany, sanap göreliň: Aşyr Kulyýew, Nury Sary, Weli Muhadow, Daňatar Öwezow, Durdy Nurymow, Çary Nurymow, Hydyr Allanurow, Orazgylyç Gurbannyýazow, Nury Halmämmedow, Rejep Rejebow, Daňatar Hydyrow, Baýramdurdy Hudaýnazarow – şularyň hersi bir halkyň saz taryhynda bir asyry bezäp biljek ahyry...

— Şuny dogry aýdýaň, Derýa, XX asyrda türkmenler kompozitorlara baý, muňa diňe guwanmak gerek, ýazyjylarymyz, dramaturglarymyz hem şu kompozitorlarymyz ýaly, döräberse bolmaýarmy, türkmen dramaturglary ýok diýen ýaly, ine, men bir drama ýazaryn welin, onsoň görersiň.

Seredip otursam, ol eýýäm şol wagtlar “Nesiller poemasynyň” pikirini edip ýörse nätjek?!

Adam biri-birine öwrenişip gidýär eken. Bir-iki gün duşmasak, ýürekler biri-birini küýseýändir-dä, bir ýerden telefon eder-de, degişip: “Näme, şeýdip komsomol diýip ýörjekmi, bizem, meždu proçem, komsomol ýaşyndan çykamzok, komsomol baýragyna dalaşjak bolýaryn, şonuň üçin seniň komsomollaryň arasynda goşgy okasym gelýär, hany, gurna-da — diýer... Ýene-de bir gün jaň eder, özem iňlis dilinde degişer:

— Haw ýu mani? (Puluň barmy?)

Menem nemes dilinde:

— Ýa, ýa, ýa, zer gut, ýawol, (hawa, hawa, gaty gowy, bolýar) — diýip, ýadyma düşen sözler bilen jogap berýärin, bolmasa, ikimizem iňlis ýa-da nemes dilinde gürläp bilemzogam.

— Onda, ýarym sagatdan barýaryn, garaş maňa — diýer.

Men bolsa garaşyp oturandyryn, ol gelmez, öz ýanymdan öýkelän bolýaryn, ertesi ýüzüniň ugruna meniň işime sowlar:

— Düýn maňa garaşdyňmy?

— Hawa, garaşdym.

— A men seni aldadym — diýerdi-de, yzyndan gülüp goýbärdi:

— Sen meni bilýäň ahyry, seniň ýanyňa gelýärkäm pylany duşdy, “ýör-ýör” diýip goýmady, göwnüne degip bilmedim-dä, bolýar, men şu gün siziň hyzmatyňyzda, ýoldaş komsomol.

Gadyrly okyjy, men Gurbannazar bilen eden söhbetdeşliklerimiň yzygiderliligini saklap

bilmeýänim üçin ötünç soraýaryn, ýöne men ýadyma düşýän zatlary hiç hili ýoýman, bolşy ýaly gürrüň berjek bolýaryn, şonuň üçin bada-bat ýadyma düşen zatlary hem ýüzümiň ugruna ýazyberýärin. Komsomolly gürrüňime ýene-de öwrülip gelerin.

Gurbannazar okuwyny tamamlandan soň goşun gullugyna gitdi, menem 1965-nji ýylda goşun gullugyna gitdim. Şeýdip, indiki duşuşygymyz iki ýyldan soň boldy. Gurbannazar Samarkant şäherinde tankçy bolup gulluk edipdir. Goşun gullugy barada bir topar gürrüňler bererdi, şolaryň birini aýdyp bereýin:

Gurbannazara komandiri goşmaça tabşyryk berýär, kazarmanyň garşysyndaky agaçlara hek çalmaly diýip buýrulýar.

— Men elime reňklenilýän aldym, bir bedre heki suw bilen garyp, agaçlaryň ýanyna baryp, hek çaljak boldum, emma agaçlara öňki çalnan hekler şeýle bir arassa hem gowudy, hatda men olaryň üstünden ýene-de hek çalmaga dözmedim. Şeýdibem, bu tabşyryk maňa has aňsat boldy — diýip, agaçlaryň aşagynda kölegeläp oturyberdim. Birdenkä komandiriň: “Ezizow, ko mne!” diýen buýrugyny eşidip, onuň ýanyna baryp: “Ýoldaş komandir, siziň buýrugyňyzy ýerine ýetirdim” diýenimde, ol maňa: “Ezizow, sen agaçlara ýekeje saparam hek çalmadyň ahyry, men äpişgeden saňa syn edip, seredip durdum ahyryn” diýdi. Men: “Ýoldaş komandir, men siziň äpişgeden seredip oturanyňyzy näbileýin” diýenimden soň komandir ýumşady hem-de maňa: “Ah, wy poety, zabawnyý

narod...” diýip S. Ýeseniniň goşgusyndan bir setiri okap goýberdi.

Umuman, degişmek, ýomak atmak, anekdot aýtmak Gurbannazara mahsus zatdy. Degişmäge, birine degmäge, onuň häsiýetine görä bir zatlar tapyp gürrüň bermäge ussatdy. Ahmet Gurbannepesowyň, Annaberdi Agabaýewiň, Öwlüýäguly Möwlamowyň, Kakabaý Gurbanmyradowyň ýatlaryna düşýän bolsa, olar hem meniň ýatlamalarymyň üstüni doldurarlar.

Gurbannazar öz döwürdeş galamdaşlary barada haýsam bolsa bir hadysa bilen baglanyşdyryp, olaryň şol pursatda özlerini alyp baryşlaryna bir degişme dörederdi. Meselem, Beki Seýtäkow bilen Mämmet Seýidowy duele çykaran bolýar. Olar pistoletde atyşmaly, şonda sekundant duelçileri ýaraşdyrjak bolup, Beki Seýtäkowa ýüzlenýär:

— Jenap Seýtäkow, atyşmany goýaýsaňyz nähili bolar, ýaraşmaga mümkinçilik bar, onsoňam siz pistoletiň öňünde durmakdan gorkaňzokmy?

— Ýok, ýok, gorkamok, Mämmediň daňdan atjak oky maňa degmez, arkaýyn bolaýyň, daňdan onuň eli bir ýerde duranog-a, men arkaýyn atyşjak, ha-ha-ha.

Sekundant şol teklip bilen Mämmede ýüzlenende, ol: “A-how, Ýaşulular Sowetiniň başlygy Beki pistoleti atjak bolsa bir gözüni ýummaly bolar-a, beýlekisi bolsa öňem görenok, ha-ha-ha.

— Gurbannazar, bu zatlary Beki aga ýa-da Mämmet eşitse, gaty görmezlermi? — diýsem, ol:

“Men ilki olaryň özlerine aýdyp berýärin-ä, hezil edip diňleýärler” — diýdi.

Ýene-de bir degişmede Aşgabady nemesler basyp alan edýär-de, şolaryň öňünde şahyrlaryň bolşuny suratlandyrýar. Ýene-de Mämmet Seýidow baradakysy ýadyma düşýär.

Mämmet Seýit nemes ofiserleriniň ştabynda dellekçi bolup işleýär. Bir gün duşmanlaryň sakgalyny syryp otyrka, Mämmet aga ol maňlaýygaranyň ýüzüniň persalasyny çykarýar. Ýüzi päkiniň derdinden gara gan bolup otyrka, jaýa türkmen partizanlary girýär. Mämmet: “Ine, görýäňizmi, gerçekler, men şu ýerde-de bularyň ganyny içip oturandyryn” — diýýär.

Gurbannazar özüne-de degip gülerdi. Ol käwagtlar az-owlak sakawlardy. Onsoň sakawlar barada anekdot aýdyp başlar: Iki sany sakaw paýapylyň üstünde duşup, biri-birine ýol berýär, biri beýlekisine:

— S-s-sen g-g-g-geç — diýýär.

Beýlekisi:

— Ý-ý-ý-ýok, s-s-sen g-g-g-geç — dýýär. Şonda ol biri:

— S-s-sen n-n-n-näme ü-ü-ü-ü-üçin m-m-m-meniň a-a-a-agzyma ö-ö-ö-öýkünýäň? — diýip, ony paýapylyň üstünden itekläp goýberýär, ol bolsa suwa gaçyp:

— M-m-m-men ý-ý-ý-ýüzüp b-b-b-bilemok a-a-ahyryn, m-m-men g-g-g-g-gark b-b-b-b-bolýan — diýip gygyrýar.

Paýapylyň üstündäki bolsa:

— S-s-serediň-ä m-m-m-muňa, g-g-g-g-gark b-b-b-b-bolýaram w-w-w-welin, ö-ö-öýkünmesini g-g-g-g-goýanok — diýýär.

Ýa-da, paraşýutly bir sakaw samolýotdan bökjek bolanda oňa instruktor alta çenli sanap paraşýutyň halkasyny çekgin diýip tabşyrýar. Ýaňky sakaw samolýotdan böküp, öňem gorkaklygyna sakawlaýan görgüli, beýle howa belentligini görüp hasam gorkupdyr hem-de sanap başlapdyr: b-b-b-bir, i-i-i-iki, ü-ü-ü-ü-üç, garaz, b-b-b-bäş diýende, ýere patlap düşýär-de, a-a-alty diýip paraşýutyň halkasyny çekip goýberýär.

Ýa-da: "Täzesini eşitdim, diňläň" — diýer.

Tokaýyň içinde haýwanlar aljyraňňy ýagdaýda her haýsy bir tarapa ylgap barýarlar, tilki towşany saklap: – Bu nä boluş? Nirä, nämeden gaçyp barýarsyňyz? — diýende, towşan:

— Gaçaweri, tilki jan, gaçaweri!

— Hä, näme boldy, näme üçin gaçaýyn?

— Aýynyň aňkasy aşypdyrmy, nämemi, bilmedik welin, ol kimiň gulagy üç bolsa olary goparyp taşlaýarmyş.

— A biz näme üçin gaçmaly? Biziň gulagymyz iki ahyry.

— Wah, tilkii jan, ol ilki soguryp, soň sanaýar ahyryn!

Onsoň başlanar gürrüňler:

– Eşitdiňizmi, Çary Aşyryň maşynynyň tekerleriniň ogurlanyşyny?

Çary Aşyryň GAZ-21 kysymly "Wolga" maşyny bardy. Ol, köplenç, ony howlynyň içinde goýup gidiberýän eken. Bir gün ir bilen maşyna

münüp otlap gitjek bolanda, maşyn ýerinden gozganman dur diýýär. Çykyp seretse, dört tekerini hem ogurlap gidipdirler. Ýerine bolsa kerpiç goýupdyrlar. Çary Aşyr bu wakany uçastkowoý milisä habar berýär. Milise ýaş türkmen ýigidi eken. Ol Çary aga bir topar biderek soraglar berip, ýüregine düşüpdir. Ahyram: "Tekerleriňiziň ogurlananyny kimden görýäňiz?" — diýip soranda, Çary aga: "Hydyr Derýadan görýän" — diýip jogap beripdir.

Hydyr Derýa, Towşan Esenowa, Çary Aşyr, Kaýum Taňrygulyýew dagy hemmesi goňşy bolup, bir jaýda ýaşaýardylar.

— Näme üçin Hydyr Derýaýewden görýäňiz? Kim ol? — diýip soraýan milisäniň ady belli türkmen ýazyjysyny bilmeýändigine Çary aganyň gahary gelip:

— Şondan başga adam däldir, ol öňem on ýyl türmede oturyp geldi, hökman şony sorag edip görüň — diýipdir.

Ana, saňa gerek bolsa, ýaňky milise biziň ady belli ýazyjymyz Hydyr Derýany üç günläp sorag edip ýörse nätjek?

Soň Hydyr aga Çary aga: "Goý, how, şu oýnuňy, "Itiň oýnam bolsa, göläň çynydyr" diýipdirler. Ýaňky milise, men-ä aňyrda duraýyn, öz ene-atasynam tanaýandyr öýdemok" — diýipdir.

Ine, görseňiz, biziň ýaşlarymyzyň arasynda öz halkynyň belli adamlaryny tanaýşy, ýöne, Hudaýa şükür, olar köp däl.

Garaz, “Dile geldi, bile geldi” diýipdirler. Birki agyz Mämmet Seýit bilen Beki aga barada gürrüň bereýin.

Mämmet agany iň soňky gezek, 1979-80-nji ýyllaryň tomsy bolsa gerek, görüpdim. Uniwersitetiň gaýybana bölümine okuwa girmek üçin abiturientler dokumentlerini tabşyrýardylar. Dokument alşygyň iň soňky günüdi, wagt agşamlap barýardy, bir seretsem, uniwersitetiň howlusynda Mämmet Seýit alakjap ýören eken. Men kabinetimden çykyp, Mämmet aga bilen salamlaşdym. Ondan näme kömek gerekdigini, bu wagtlar uniwersitetde näme işläp ýörenligini soradym. Ol maňa: “Derýa, sataşanyň gowy bolaýdy, sen kömek edäýmeseň, meniň-ä bu zatlardan başym çykanok. Häzir uniwersitetde ne rektor, ne-de prorektor bar, gyzym Bäherdenden gelip, dokumentlerini tabşyryp bilmän otyr, bir sprawka ýetenok, özem şu gün dokument alşygyň iň soňky güni, ertir sprawkany getirerin, şu gün dokument alaýyň diýip haýyş edýän welin, hiç kim maňa gulak asanog-a” — diýdi.

Bu gezek Mämmet aga öňki degişmesi bilen “Ýaşulular Sowetiniň başlygy” diýmedi. Onuň keýpi ýokdy. Göwnüne gaty deglipdir. Gaty nebsim agyrdy, türkmençilik, musulmançylyk edip, kömek etmegi makul bildim.

— Bolýar, Mämmet aga — diýip, men onuň öňüne düşüp, gapysy ýapylan dokument kabul ediş jaýyny açdyryp, jogapkärçiligi öz üstüme alyp, dokumentleri kabul etdirdim. Men şol wagt partkomuň sekretarydym. Mämmet aga köşeşen ýaly

bolup, sag bolsun aýdyp gaýtdy, ýöne şol wagtky öýke welin göwnünden çykmaýan ýaly bolup göründi.

Beki Seýtäkow barada Gurbannazar we beýleki galamdaşlary onuň pulunyň kändigini, ýöne sowmany gowy görmeýändigini aýdýardylar.

1969-njy ýyldan 1970-nji ýyla geçilende Bitaraplyk aýynyň 31-ini — Täze ýyl gijesini Gurbannazar maňa bile geçireli diýdi. Özem dört adam bolýandygymyzy: sen, men, Beki Seýtäkow we Nargylyç Hojageldiýewdi öýdýän, hiç ýadyma düşenok, aýtdy. Her haýsymyz on manatdan çykarmaly, men razylaşdym, Gurbannazar bilen ýygnalan pula azyk aldyk, şonda Gurbannazar maňa: "Ýa, walla, Beki aga-da biziň bilen deň çykaraýýar-aý puly, men dagy şonuň ýerine bolsam, 25 manady oklap goýberjek" diýipdi. Täze 1970-nji ýyly gowy garşyladyk, Beki aganyň ýanynda bir owadan, juda owadan rus zenany bardy, bularyň bolup oturyşyna daşyndan guwanýardym.

1970-nji ýyllarda Moskwada türkmen edebiýatynyň günleri geçirildi. Şoňa Gurbannazar, Annaberdi Agabaýew, Beki Seýtäkow, ýene-de birnäçe şahyr-ýazyjylar gidipdirler. Gaýdyşyn Domodedowo aeroportunda Gurbannazar, Annaberdi hemmesi restoranda samolýota münmezden ozal, mäkäm oturýarlar. Emma samolýot howa şertleriniň ýaramazlygy sebäpli uçmaýar. Bular ýene-de bir gezek restorana barýarlar we barja pullaryny sowup, ýekeje manatsyz galýarlar. Samolýot bolsa, ýene-de uçmaýar. Olaryň wagt geçirmek üçin restorana baraslary gelýär,

barasyň gelende näme?! Pul ýok, puly kimden almaly — Beki agadan almaly. Annaberdi: "Ýok, ýok, men karz pul sorajak däl, kim sorasa şol sorasyn" — diýýär. Gurbannazary delegat edinip, Beki aganyň ýanyna iberýärler. Gurbannazar Beki aganyň ýanyna baryp: "Beki aga, maňa 20 manat karz pul beriň, Aşgabada baranymdan gaýtaryp bererin" — diýýär. Beki aga: "Gurbannazar, saňa gerek bolsa onuň gürrüňi bolmaz, ine, 20 manat" — diýip, iki sany gyzyl onlugy çykaryp berýär. Bu ýagdaýa syn edip oturan şahyrlar heýjanelek bilen Gurbannazaryň uly iş bitirenine begenýärler.

— Ertesi Aşgabada gelip işe baranymda göni Beki aganyň kabinetine baryp, düýnki karz alan pulumy "Taňry ýalkasyn" bilen yzyna gaýtardym. Beki aga ýigrimi manady eline alyp, gowy synlap: "Be, Gurbannazar, şindem karzyny gaýtarýan gowy adamlar bar-how" diýdi — diýip, Gurbannazar gürrüň berýärdi. Megerem, Beki agadan karz pul alyp, gaýtaryp bermeýänler köp bolandyr-da.

Gurbannazar öz döwürdeş şahyr-ýazyjylary, hudožnikleri bilen oturyp-turuşmany gowy görerdi. Hudožniklerden onuň gowy görýänleri Durdy Baýramow, Mämmet Mämmedow, Stanislaw Babikow, Çary Amangeldi, Tokar Tugur dagydy. Tokar Tugur bilen Gurbannazaryň garyndaşlygy hem bardy: olar bajadylar. Tokaryň döredijiligi türkmen üçin entek düşnüksizdi.

— Tokar, saňa kyn bolaýmasa, bu ajaýyp eserleriňi türkmen köpçüligine ýetirmek, düşündirmek.

— Men şu stilde işlemäni gowy görýärin. Onsoňam, oňa düşünmek her adamyň özüne, intellekt derejesine bagly ahyry.

— Onyň dogry, Tokar, ýöne eklenç üçinem bir zatlar döretmeli borsuň. Entek türkmen halkymyzyň arasynda mesenatlar döränok, döredijilikli, ukyply adamlara maliýe kömegini eder ýaly.

— Dogry, Gurbannazar, ýöne entek seniň eklenç üçin ýazan goşgyňy men-ä okap göremok, bolsa bir-iki sanysyny okap bersene, diňläli.

— Eh, sen, bir zat aýdyp goýberýäň! Aý, men, ýöne diýäýdim-le. Ynha, Kerim Gurbannepesow maňa: "Gurbannazar, hemme goşgularyňy şedewr etjek bolup ýörmezler, arasynda gowşagrak goşgularyň bolanynyň zyýany ýokdur, onsoňam, çagalaram-a eklemelidir. Hany biziň aramyzda uly baýlyk barmy? Tükenmez baýlygyň bolsa, işiň aňrybaş goşgy döredip ýörmeli..." diýdi. Görýärmiň, Kerim aga-da diýse diýýär weli, ýöne özi gowşak goşgy ýazanog-a.

Men ýaňy-ýakynda Tokaryň ussahanasyna baryp, onuň bilen başdan geçirenlerimizi ýatlap köp oturdyk. Şonda men oňa: "Gazanç üçin iş ýazaňokmy? Gurbannazaryň aýdanlary ýadyňdamy?" — diýenimde, ol: "Hawa-la, her gün diýen ýaly ýadyma düşýär, ýöne seredip otursaň, şol jedellerden bäri 25 ýyl geçipdir, emma şol ýyllarda (meniň sungat ýoluna ýaňy başlan ýyllarym) Gurbannazaryň aýdan "gazanç üçin" diýen sözleri doly manysynda heniz-henizlerem dowam edip gidip otyr. "Gazanç üçin" iş ýazmasaň hor bolarsyň diýip, kärdeşlerimmem, Orsýetdäki

kärdeş dostlarymam, dünýä belli sungat öwrenijilerem henize çenli: “Tokar, bazar üçin iş ýaz” — diýen sözleri gaýtalap gelýärler. Olar: “Tokar, seniň işiňi diňe sungata gaty gowy düşünýän baý kolleksionerler ýa-da muzeý alyp biler” diýýärler. Men bolsa “içki sesimi” diňläp görýärin, Gurbannazar bilen eden gürrüňlerimizi ýadyma salyp: “Heý, bu gudratly käriňe ikilik edip bolarmy?!” diýip, onuň “Serpaý” kitabyny elime alanymy duýman galýaryn — diýip maňa gürrüň berdi.

Ykbal meni hudožnikler bilen has ýakyn bolar ýaly etdi. Men alty aýa ýeter-ýetmez wagt Hudožnikler Fondunyň başlygy bolup işledim. Ady belli hudožnikler bilen ýakyn aragatnaşykda boldum.

Gurbannazar diýerdi:

— Birnäçe sungat işgärlerini, artistleri, sazandalary, belli adamlary daşyndan tanap, olary sahnada, kinoekranda görüp ýörenden gowusy ýokdur, olar bilen ýakyn tanyşsaň, seniň bular baradaky öňki pikirleriň gabat gelmeýär-de, onsoň sen juda gynanýarsyň.

Gurbannazaryň şu diýenleri, hakykatdanam, dogry eken. Men, gadyrly okyjy, geljekde Halyl Kulyýew barada hem, hudožnikler barada hem, uniwersitetiň durmuşy barada hem ýazaryn, sebäbi uniwersitetden görnükli-görnükli döwlet işgärleri ýetişdi, okyjylary olaryň uniwersitetdäki durmuşy, dünýägaraýşy gyzyklandyrar öýdýärin.

✵ ✵ ✵ ✵

## DÖWÜR HAKDAKY PIKIRLER

Gürrüňler, söhbetdeşlikler, jedeller nähili gowy eken. Hruşýow döwründe sowet adamlary 80-nji ýyllarda kommunizmde ýaşarlar diýip, padioda, telewizorda günde gygyryp durdular. Biz şol wagtlar uniwersitetiň 4-nji kursunyň talyplarydyk. Okuwdan soň Gurbannazar bilen 1-nji parkyň aşak ýanynda täze bir kafe açylypdy, şoňa baryp gara kofäniň başynda (kofe içmek Aşgabat ýaşlarynyň arasynda ýaňy ýaýrap başlapdy) ýaňky 80-nji ýyllarda boljak kommunizm barada gürrüň açýardyk:

— Sen şu diýilýän zatlara ynanýarmyň?

— Hawa, ynanýan, ine, kommunizm bolar, bizem şol wagtlar 40 ýaşlarymyzda, tüýs wagtymyz, bolar bir hezillik.

— Eh, sen, özüň rus edebiýatçysy bolup, Dostoýewskiniň aýdanyny bileňok, ol näme diýýär: "Geljekdäki bagtly durmuş üçin, biz bu günki durmuşy ýatdan çykaryp, adamlara geljekde gowy

ýaşarsyňyz diýip, olaryň her günki aladasyny etmäň!", ýene-de "Geljekdäki bagtly durmuş şu günki çaganyň ýekeje damja gözýaşyna-da degýän däldir" diýýär. Zat okaňyzok-how, siz bir okarlar ahyry.

Dogry, men bu aýdylan jümläni bilemokdym, şol wagt dogrusyny aýtsam, manysyna-da düşünip baramokdym, ýöne Gurbannazar sypaýy adamdy. Ol söhbetdeşiniň ýaramaz ýagdaýa düşenini aňsa, şolbada gürrüňi başga ýana sowar goýbärdi.

Kafeniň içinde türkmenden diňe ikimizdik, beýleki oturanlar başga milletleriň wekilleridi. Gurbannazar muňa şol bada:

— Görýärmiň, Derýa, biziň türkmenlerimizem şeýdip oturyp bilýärler-ä, näme üçindir, olar şunuň ýaly ýerlere az gelýärler. Gyzlar barada-ha, gürrüň edip oturasy işem ýok.

— Aý, biziň türkmenlerimiziň häsiýeti şeýleräk-dä, aýyp görýärler.

— Hawa-la, ejelerine, aýallaryna köne köýnek geýdirip, köçe süpürtmäni aýyp görenoklar, şunuň ýaly ýerlerde oturmany bolsa aýyp görýärler. Bu zatlardan haçan saplanarkak?

— Saplanarys, Gurbannazar, saplanarys, arada Mäti Kösäýew bilen Hojaberdi Hanowyň bir gürrüňini eşitdim, şony aýdyp bereýin. (Gurbannazar Hojaberdi Hanowy has gowy görerdi). 1950-nji ýyllarda türkmen filologiýasynda Marynyň bir obasyndan iki sany gyz okaýan eken. Bular gaty gowy okaýan ekenler. Ýöne bedenterbiýe sapagyna şol gyzlar türkmen köýneginde gelýän ekenler. Bedenterbiýe mugallymy (türkmen däl bolmaly) bu

gyzlara sport eşiginde sapaga gelmelidiklerini ençeme gezek aýdypdyr. Emma gyzlar utanyp, ýenede şol milli köýnekleri bilen sport meýdançasyna gelipdirler. Şonda mugallym: “Indiki gezek sport eşiginde gelmeseňiz, sapaga goýbermerin” — diýipdir. Şondan soň gyzlar indiki sapaklaryna sport eşiginde gelýärler. Bulary sport eşiginde ilkinji gezek gören bir kursdaş oglan bälçiräp: “Waý, bu gyzlara serediň-ow, waý bularyň figurasyny dagy...” diýenden soň, şol gyzlar sapakdan çykyp, umumy ýaşaýyş jaýyna baryp, zatlaryny ýygnaşdyryp, wokzaldan göni öýlerine gaýdypdyrlar, öwrülibem, okuwa gelmändirler. Ýeri, muňa näme diýjek?!

— Näme diýeýin? Ol gyzlaryň päkligine, arassalygyna hiç zat diýip bolmaz, ýöne bir näkese jogap berip bilmändiklerine welin, men haýran.

Biz kafeden çykyp, parkyň aşak tarapyndan Ýazyjylar Soýuzyna tarap ýöräberdik. Parkyň içindäki tomusky restoranda birnäçe adam otyrdy. Men:

— Gurbannazar, seret şu taýyk, ine, şu parkyň içinde 1948-nji ýylyň ýer titremesinden soň ýaşadyk, özem faner jaý salyp berdiler, ýaman köp adam ýaşaýardy, her milletden bardy, şu ýerden geçenimde şol ýadyma düşýär, indi gürrüň bersem hiç kim ynananogam.

— A sen gürrüňem berme, ynanmasalar...

Gurbannazara ýaňky gyzlaryň boluşlary täsir etdi öýdýän, kän gürlemedi.

Talyp ýyllaryny adamyň durmuşynda iň gowy ýyllary diýip hasap edýärin. Olar ýyldyrym deý geçdiler. Talyplyk ýyllary uniwersitetiň çeper

höwesjeňlerine gatnaşyp, gyjak çalýardym. Biziň ýolbaşçymyz Annageldi Jülgäýewdi. Şol döwür gyjak bilen pianinony goşup, çeper höwesjeňleriň arasynda çalmak juda täsirlidi. Ol maňa gyjagy pianino bilen goşup çalmagy öwredipdi. Men günleriň birinde telewideniýede çykyş edipdim. Şondan soň köp wagt geçmänkä, bir gün Gurbannazar bilen haly fabrigininiň deňinden geçip barýardyk. Arakesme wagty bolansoň, haly fabrigininiň gelin-gyzlary daşarda üýşüp duran eken. Gurbannazar ikimiz bularyň ýanyndan geçip barýarkak, gyzlaryň arasyndan: “Hanha, arada telewizorda gyjak çalan oglan barýar-la” diýen ses eşidildi. Beýleki biri: “Haýsysy-la, haýsysy?”. “Anha, şar gara saçlysy!” — diýip, beýlekisi jogap berdi.

Men Gurbannazara seretdim, ol hem maňa:

— Baý-bow, indi şahyrçylygy taşlap, bir gyjak çalyp telewizorda çykyş etmesem, dünýäden armanly öterin. Sered-ä muňa, gyzlar şahyry tananoklar, bu sazandany welin tanaýarlar, ýeri, näme diýip, näme aýtjak?!

Gurbannazar okuwy gutarandan soň, uniwersitete ýygy-ýygydan gelýärdi. Men komsorg bolanymdan soň, edebi agşamlar geçirýärdim. Bu agşamlara Gurbannazar Ezizowyň:

Sag bol ene mekan,
Süýt emen ýerim.
Aglama, ene jan,
Gaýdyp gelerin...

– diýen goşgusyna oýun goýlardy, uniwersitetiň talyplary Gurbannazar Ezizowy, Halyl Kulyýewi, Annaberdi Agabaýewi, Nazar Gullaýewi, Begmyrat Ussaýewi, Orazmyrat Gurdowy, ýene-de birnäçe şahyrlary ýygy-ýygydan çagyryp durmagymy menden haýyş ederdiler.

Gurbannazar talyplaryň umumyýaşaýyş jaýlaryna baryp, öz täze goşgularyny okap bermegi gowy görerdi.

Ol, umuman, toý bolsun, ýönekeýje oturylyşyk bolsun, hökman goşgy okaman gaýtmazdy. Onuň goşgusyny özi ýaly hiç kim okap bilmezdi, onuň özboluşly okaýşy bardy. Birnäçe şahyrlar öz goşgusyny okanlarynda Gurbannazaryň okaýşyna meňzetjek bolardylar, emma ol bärden gaýdýardy.

Gurbannazaryň goşgularynda sowet şahyrlaryna mahsus däl zatlar bar diýip Balyş Öwezowyň bir dokladynda aýdylypdy.

...Men nirä barýanymy bilip bilemok,
Siz açyň gapyňyz, men size barýan...

Gurbannazar muňa känbir ünsem berip durmazdy. Dogram etdi. 1970-nji ýyllaryň öň ýanynda Leniniň doglan gününiň ýüz ýyllygy diýip, bar adamlaryň ünsüni şol senä çekdiler. Hemme zat Lenin barada, seminar bolsun, ýygnak bolsun, konsert bolsun, hökman Lenin bilen başlamaly, Lenin bilenem gutarmaly. Menem komsorg bolanym üçin bu zatlaryň arasynda. Bir gün Gurbannazar:

"Yeri, Derýa, Leniniň ýubileýine taýýarlyk görýäňizmi?" diýdi.

— Hawa, görýäris.

— A sen 1970-nji ýylyň 22-nji aprelinde bulgury galdyranyňda näme diýip göterjek? Leniniň saglygy üçinmi? Bolýar, gorkmasaň, men saňa Lenin barada bir anekdot aýdyp bereýin. Fransuz ýigidinden sorapdyrlar:

— Sen özüň ýaş, alan aýalyň bolsa senden 40 ýaş uly, näme üçin beýtdiň? Onda ol:

— Men bäş-on ýyl bu aýal bilen ýaşaryn, soň bu öler, maňa hemme baýlygy galar, şonuň üçin öýlendim.

Iňlis ýigidinden sorapdyrlar:

— Sen näme üçin beýtdiň, özüňden 45 ýaş uly aýala öýlendiň?

— Onuň ençeme zawody, fabrigi, banklarynda köp puly bar. Men 5-10 ýyl ýaşaşaryn, soň aýalym öler, baýlygy maňa galar.

Sowet ýigidinden sorapdyrlar:

— Sen näme üçin özüňden 50 ýaş uly aýala öýlendiň?

— Meniň aýalym Lenini görüpdir — diýip, jogap beripdir.

Munuň ýaly anekdotlary, onda-da şol döwür, her kim aýdyp bilmezdi.

Gurbannazaryň kakasy Eziz aga fronta gatnaşyp, nemesleriň konslagerinde bolýar. Onuň çöregi bitin eken. Sag-aman öýüne dolanyp gelýär. Ýöne öz öýünde arkaýyn ýaşadanoklar. Gurbannazar gürrüň berýärdi: — NKWD diýip bir

edara bardyr-ow, şular kakamy sorag edip ýürege düşdüler. Tä 1958-nji ýyla çenli her ýyl 3-4 gezek dagy öýe gelip gidýärdiler. Men bu ýagdaýy görüp, olara çydap bilmän: "Ýene-de bir gezek gelip, kakama azar berseňiz, menden gaty görmäň" diýip itekleşdirip, howludan kowup goýberdim. Megerem, meniň bu hereketlerim täsir etdimi ýa-da döwür üýtgedimi, ýöne hälkiler gaýdyp biziň howlymyza gelmedi.

Men Gurbannazaryň gaty sypaýy adamdygyny bilenimden soň, şolary nähili edip kowandygyny hiç göz öňüne getirip bilemok. Ýöne hakykat hakykatlygyna galýar. Gurbannazaryň ýaňkylary kowşuny Eziz aga gürrüň berýärdi. Eziz aga (ol adyny Eziz däl-de, näme üçindir, Aziz diýlip tutulsa, gowy görerdi) Gurbannazara elmydam "Kürräm" diýip ýüzlenerdi. Men Eziz aganyň Gurbannazara öz adyny tutup ýüzlenenini görmedim.

Eziz aga Gurbannazaryň ölümi juda ýokuş degdi. Bir gezek öýlerine barsam, öňünde magnitofon, Gurbannazaryň sesi ýaňlanyp dur, şol biziň ýazan ýazgylarymyz. Meni görüp, näçe mertlik etjek bolsa-da, bolmady, gözýaşy ýüzüni ýuwup durdy. Men köp oturyp bilmedim, gürrüňem edip bilmedik, ýöne wagtal-wagtal Eziz aga "Wah, Kürräm. Wah, Kürräm" diýip uludan dem alýardy. Gurbannazardan soň olam köp ýaşamady, aradan çykdy, bu dünýäň adalatsyzlygyna pelekden närazy bolup gitdimikä diýýärin. Goý, onuň ruhy meni bagyşlasyn. Adam-adama, dogan-dogana, dost-dosta, är-aýal biri-birine öwrenişip, saz ýaşap

ýörenlerinde olaryň biri birdenkä aradan sogrulyp gitse, beýlekisi hem kän ýaşap bilmez eken. Muňa Eziz aganyň ölümi hem güwä geçýär.

Gurbannazar maňa: "Derýa, sen bilýärmiň, men gonamçylyga adam jaýlamaga ilkinji gezek seniň ejeň ýogalanda bardym, ikinji gezek seniň agaň Baýramguly ýogalanda, indi bolsa ýygy-ýygydan gatnap durus. Ýogsa-da, Derýa, ölenimizden soňky barjak öwlüýämiz-hä bir ekeni" — diýipdi.

## DOST WASPY

Şu ýerde men Gurbannazaryň "Dost waspy" diýen goşgusyny doly getirjek, munuňam bir sebäbi bar. Gurbannazaryň şu goşgusyny men hiç wagt özüniň okap berenini eşitmedim, onsoňam, şu goşgy Gurbannazar ýaňy gonamçylyga ilkinji gezek bardym diýen döwründe ýazylypdyr. Gurbannazar bu dünýäden öteninden soň, şu goşgy meni talantly ýazyjy hem hudožnik (dünýäde seýrek duşýan zat) Juma Hudaýgulyýew bilen dostlaşdyrdy. Bir oturylyşykda Gurbannazar Ezizow barada, onuň döredijiligi barada gürrüň gitdi, şonda oturanlaryň biri şu goşgyny ýatdan okady:

Uzyn gije uly öýüň iç-daşy,
Ýüregiňi gyýyp barýan agydy.
Ertesi gün, gün guşluga galanda,
Mazarlyga äkitdiler tabydy.

Dört gerçegiň gerdeninde şo tabyt,
Dört tigir üstünde barýan ýalydy.

Ne bir ynjaýardy, ne bir sarsýardy,
Ol howada uçup barýan ýalydy.

Ýöne nämüçindir şol dört gerçegiň,
Birine bu tabyt düşýärdi agyr.
Gözüne der girip, haşlaýardy ol,
Äpet egin bolsa, bolupdyr ýagyr.

Kömege gelene ýaýkaýar başyn,
Guran goluna hem berenok dynjy.
Gussa-ünji hemmeleri maýyrdy,
Ony hasam maýyrypdy şol ünji.

Ýadanlaň ýerini yzkylar tutýar,
Ýadan bedenlere güýz ýeli urýar.
Ses eşdildi: "Wah, bu gerçek iň söwer
Dostun mazarlyga äkidip barýar".

... Her näme diýsegem, ölýär adamlar,
Yzda eser galýar. Galýar saz, mukam.
Ýöne bizi şeýle ünji-gam bilen
Gerdeninde göterjekler barmykan?

Ana, şol okan ýigit Juma Hudaýgulyýewdi. Şu goşgudaky hadysalar we görnüşler maňa juda ýakyn, juda tanyşdy.

Gurbannazar soňky döwürlerde ilerik gatnamany gowy görerdi, Garadamak öwlüýäsiniň ýanyndaky suw skwažinasynyň buz ýaly suwy bardy, Gurbannazar şu ýerde bolmany gowy görerdi.

Ol ýere tomus aýlary sypynsak Baýramguly Amangeldiýewiň "GAZ-21" kysymly maşynyna münüp barardyk. Soň Baýramguly ikimiz bu skwažina "Gurbannazaryň skwažinasy" diýip at dakdyk. "Nirä gidýäs?"— "Gurbannazaryň skwažinasyna gitdik" — diýip, Baýramgulynyň "88-88" döwlet belgili "Wolga" maşynyna Gurbannazar ikimiz münüp, üç bolup gidiberýäs. Şol ýerde Gurbannazar daglara syn ederdi, şol ýeriň daş-töweregi, hakykatdanam, gözeldi. Gurbannazaryňky ýaly Hakdan içenlik barka, şunuň kysmy gözellikleriň arasynda ýaşap, şahyr bolmanam bir gör! Şu ýeriniň görnüşi, ot-çöpi, daş-töweregi men barada, biz barada goşgy ýaz diýip duran ýalydy.

Men, men diýip, daga köňül bagladym,
Seni görüp kiçiligme agladym, —
Boýumy boýuňa deňän halatym,
Toba edip öňüňde çökerin, daglar...

Şu goşgynyň şu ýerleriň täsiri bilen ýazylan bolmagy mümkin. Gurbannazar soň gonamçylyga tarap seredip, Magtymgulynyň:

...Mazarystana bar, otur, pikir eýle,
Men-men diýen ärler ýatyr gum bolup...

— diýen setirlerini ýatlady-da:

— Be, ýazyp bilipdir-how — diýdi. Baýramguly Gurbannazar şular ýaly göwniçökgün boluberende:

— Hany, ýörüň, gaýtdyk, boldy indi, oturyp bildik-le — diýip, maşyny otlardy.

Haýran galaýmaly, Baýramgulynyň öňden bir zady duýýan ýaly häsiýeti bardy. Gurbannazar dünýäden ötensoň, yzysüre uniwersitetiň talyplaryny Tejene pagta ýygmaga äkitdiler. Şonda niredendir bir ýerden Baýramguly agasy Saparguly bilen meni wokzala ugratmaga geldiler. Şonda Baýramguly maňa:

— Derýa, özüňi aýap saklajak bolaweri, saglygyňa seret, sag-aman gaýdyp gel! — diýip ugratdy.

Yzýany meni Tejenden "Tiz kömek" maşyny bilen zordan Aşgabada – keselhana getirip, operasiýa etdiler.

Gurbannazary öli saklanýan ýerden alyp gaýdanlaryň biri Baýramgulydy. Onuň gürrüň berşine görä, ilkinji ok Gurbannazara degip, şol ok hem sürüjini alypdyr. Gurbannazar edil sürüjiniň yz ýanyndaky ýerde oturan bolmagy mümkin diýip aýdýar.

Tokar, Baýramguly, Amangeldi — bular elmydam Gurbannazaryň ýanyndaky adamlardy. Tokar bir ýerde Gurbannazar goşgy okasa, şol ýerdedi, zaldan birinden ses çykaýsa halamazdy, baryp: "Goşgy diňlemejek bolsaňyz, işiňiz ýok şu ýerde" diýerdi.

Gurbannazaryň özi hem goşgy okanda dym-dyrslyk bolsa, gowy görerdi, biri gäwüşäp otursa-da, okamany bes ederdi. Dogrusy, Gurbannazar

goşgy okanda başga zada güýmenmek çetindi, onuň goşgy okaýşy özüne tabyn ederdi. Toý bolsun, oturylyşyk bolsun, hökman goşgy okap bererdi. Gurbannazaryň şu häsiýeti onuň ýaş şägirtlerinden Atamyrat Atabaýewde-de bar. Ol şol döwrüň ýaş şahyrlaryndan Ahmet Gurbannepesowy bellärdi. Ahmet bilen meni Gurbannazar tanyşdyrdy. Men komsomol komitetinde sekretar bolup ýörkäm, rus edebiýatyndan sapak bererdim. Günleriň birinde meniň kabinetime Gurbannazar geldi, ýanynda ýaş oglan.

— Derýa, ine, şu adam häzirki zaman türkmen poeziýasynyň iň görnükli wekili, senem şundan rus edebiýaty boýunça zaçýot almaly.

Ol biri bilen tanyş edende tanyş edýän adamsyny degşip diýen ýaly, öwüp arşa çykarardy. Şondan soň Ahmet bilen gatnaşygymyz has ysnyşykly bolup, soň dostluga öwrüldi. Bilmedim, 1970-nji ýa-da 71-nji ýyllarda, Soltanmyrat, Ahmet, Gurbannazar Gäwers düzlügine işlemäge gitdiler. 1-2 aýlap şol ýerde bolup geldiler, şol döwür barada Ahmet ýa-da Soltanmyrat ýazar öýdýärin, ýöne şol ýerleriň täsiri astynda şu goşgy döredimikä diýýärin:

... Säherem dumanlap örän uzakdan,  
Bärik, sähra tarap ädýärdi ädim...

Gurbannazar obany gördümi, muny men, dogrusyny aýtsam, Annaberdi Agabaýewiň "Ezizowyň emri bilen" diýen kitabyndan bilip galdym.

Inim Işanguly Ataýew öýlenende şo taýyk toýa bardyk, Gurbannazar meniň mehinlidigimi, ine, şonda bilip galdy. Men muny ýöne ýere ýatlamok, şol döwürde Gurbannazaryň, Halylyň, Annaberdiniň daşyna üýşýänleriň niredenligi hiç hili rol oýnanokdy. Esasy zat — seniň päk döredijiligiň, ynsanperwerligiň, edebiýata, sungata, galyberse-de, türkmen halkynyň ykbalyna seredişiňdi. Annaberdi rast aýdýar, tireparazlyk pes, nadan, gözýetimi dar adamlara mahsus, olar üçin bolsa biziň aramyzda orun ýokdy.

## MEHINDE

Indi oba, toýa barşymyzy gürrüň bereýin. Toýa Gurbannazar, Ahmet, Tokar, Baýramguly, Aman Annagurbanow dagy bilen iki maşyn bolup gitdik. Bizi diýseň gowy garşyladylar. Aýratyn mal soýdular. "Deryanyň şahyr dostlary Aşgabatdan gelipdirler" — diýip, obanyň adamlary geldiler durdular. Agşam toýda hormatly ýerde oturtdylar. Bagşy aýdym aýdýardy, biziň obamyzyň däbi boýunça oturan her topar pul ýygnap, bagşa aýdym aýtmagy buýrardy. Pul ýygnaýan jarçy her kimiň adyny tutup: "Gurbannazar şahyr, Aşgabatdan gelen myhman, toýuňda gaýtsyn!", "Ahmet, Tokar, Gurbannazar, toýuňyzda gaýtsyn!", "Baýramguly toýuňda gaýtsyn!" diýip ýaltanman gygyryp aýdýardy. Bu zatlary Gurbannazar, Ahmet, Baýramguly, Aşyr Bäşimow dagy öň görmän ekenler. Olar bu däbi gowy görüp hem-de toýuň tertipli geçýändigini görüp, juda geň galdylar. Gurbannazaryň goşgy okasy gelýärdi, men onuň ýüzünden bilip durdum, ýöne nätjek, oba toýunda goşgy okamak däbi entek ornaşyp baranokdy, şonuň üçin biz ertesi myhmanlar bilen mehinliniň

ilerisindäki skwažinanyň ýanyndaky tutlaryň arasynda mal soýup, dürli nygmatlar bişirip şeýle bir oturdyk welin, şu günki güne çenli ýatdan çykanok. Bir aýdyp geçmeli zat: şu ýerde Ahmedem, Gurbannazaram, Aşyr Bäşimowam orta çykyp tans etdiler. Şularyň hemmesi "Ömrümizde birinji gezek tans etdik" diýip aýtdylar. Men bolsa: "Tans edişiňizden belli-le, birinji gezek edýändigiňiz" diýenimde, Gurbannazar bilen Ahmet:

— Bolmanda-da biz siz ýaly edip bilmeris, Ýaşulular Sowetiniň başlygy — diýdiler.

Ahmet şu toýuň eden täsiri barada bir goşgy ýazaryn diýdi. Gurbannazar bolsa: "Bizem ony gelip, ýene-de şu ýerde okarys" diýdi. Emma soň baryp bilmedik.

## GURBANNAZAR HAÇAN IŞLEÝÄR?

Gurbannazar köpçülikde bolmagy gowy görerdi. Olaryň öýleriniň gapysy mydam açykdy. Myhmany güler ýüz bilen garşylaýardylar, özem ir bolsun, giç bolsun, gijäň ýary bolsun, nirede bolsak-da, “Ýörüň, Gurbannazarlara” diýlip gaýdyberilýändir. Elbetde, bu öýüň döwletliliginiň alamatydy. “Kakylmadyk gapy gursun” diýerdi şahyr. Men, diňe men däl, hemmämizem Gurbannazaryň haçan ýazyp, haçan pozýanyny bilip bilmezdik, gabat gelemzokdyk, “Haçan ýazýarka?” diýerdik.

Men bir gezek ir bilen Gurbannazarlaryň öýlerine bardym, öňümden Hally gelneje çykdy. Gurbannazary sorasam: “Ýok” diýdi. Yzyma öwrülenimem şoldy welin, birdenkä içerden Gurbannazar çykdy. “Kil munda!” diýen degişmesi bilen gygyrdy. Hally gelneje ýüzüni aşak saldy-da: “Ynha-da, Derýa, meni kyn ýagdaýda goýýar-da, öz-ä kim gelse-de, goýberme, men işläp otyryn” diýýär. Birnäçe adama “ýok” diýip goýberdim. Indem, ynha bolşy, menden bir aýyp görmäweri” — diýdi. Ine, şonda ömrümde ilkinji gezek Gurbannazaryň iş üstünde oturanyna gabat geldim.

## AÇ-AÇAN GÜRRÜŇ

Gurbannazarlaryň öýleriniň içinde uzyn koridor bardy (häzir ony üýtgedip, uly jaý edipdirler), şol koridor göni Gurbannazaryň kabinetine barýardy. Onuň jaýynyň tekjeleri kitapdan doludy, her gezek barsaň, täze kitaby öňüňe oklap;

— Şuny okadyňmy? — diýerdi: — Al, oka ahyry, zat okaňyzok-how. Bu halkyň intelligensiýasy boljak bolsaň, köp okamaly — diýerdi.

Intelligensiýa barada, sungat barada, edebiýat barada... Bu gürrüňler elmydama ýanymyzda. Gurbannazar maňa "Türkmen intelligensiýamyz entek bärden gaýdýar, ýöne onuň şu durkuny saklap galanyna şükür etmeli. Türkmeniň gerçek ýigitleri, aýdaly, XIX asyryň düşünjeli mert türkmen adamlary Watanyň goragynda wepat boldular. Gökdepe urşunda şehit bolanlaryň sany-hasaby ýok. Ana, şonda türkmeniň gerçek ýigitleri gyryldy. XX asyra geçeliň. Rewolýusiýadan soň Jüneýit han, Eziz han, ýene-de birnäçeler gerçekleri yzyna tirkäp, Watan üçin, ar-namys üçin, halkymyz üçin göreşe çykdylar, ana, şonda-da ençeme gül ýaly ýigitlerimiz gyryldy. Şu gyrgynçylyk 1932-nji ýyla çenli dowam etdi,

şonda basmaçylar diýip, ýene-de gyrdylar, olardan galan az sanly düşünjeli, sowatly türkmenlerem Staliniň 1937-nji, 1938-nji ýyllardaky repressiýalarynda gyryldy, galan sowatly türkmenler 1941-1945-nji ýyllaryň urşuna gidip wepat boldular, olaryň arasynda şahyrlaram ýazyjylaram, alymdyr mugallymlar-da bardy. Özem, üns beriň, beýleki halklaryň görnükli intelligensiýasy urşa gitmediler, olara eýdip-beýdip bron alyp, saklap galdylar, biz şonam edip bilmedik. Galanja intelligensiýanyň wekilleriniň köpüsi Aşgabadyň 1948-nji ýylyň ýer titremesinde ýer astynda galdylar. Şu zatlary göreniňde entegem gowy-la — diýip, çekip oturan çilimini küldana basyp söndürýär.

— Gurbannazar, häzir näme, şu günki gün barada aýdanymyzda, ynha, biz bar-a, men-ä halkyma gulluk etmäge taýýar.

— Eh, sen, halkyna gulluk etjek kändir welin, edil gulluk edip biläýjekleri çagalar bagynda saýlap goýandyrlar, hiç ösdürmezler. Bu hemme döwür şeýledir, ýurduňda başga halk agalyk etse, araňda biri saýlanaýjak bolsa, ony her edip, hesip edip ýoklarlar, ösdürmezler. Olar ösüp ýetişeberseler: “O näme, bu näme?” diýip sorag goýup başlarlar, bu bolsa agalyk edýänler üçin gerek zat däldir, düşün ahryn.

Gurbannazar beýleki dostlarynyň ýanynda şu gürrüňleri edýärmi ýa-da ýok, ony bilmedim, ýöne meniň bilen şunuň ýaly gürrüňler etmegi gowy görerdi. Bu meniň şol wagt komsomolyň uniwersitetdäki ýolbaşçysylygym üçin bolmagam mümkin.

— Sen sered-ä, respublikamyzyň iň ýokarky wezipelerinde beýleki milletleriň wekilleri otyr. KGB, MWD, KPT, Ministrler Sowetinde halkyň ykbalyny çözäýjek ýerlerde biziňkiler ýokdur, bolaýanda-da bir nalajedeýinlerdir — diýip, bir anekdot aýdyp berdi.

— Moskwanyň köçeleriniň bir ýerinde Moskwa adamsy serhoş bolup, laýa bulanyp ýatyr, muny gören türkmen ýaňkynyň ýanyna baryp: "Eý, bolup ýatyşyň nähili? Aşgabada barsaň, bolmanda bir edara başlyg-a bolardyň!" — diýipmiş. Düşündiňmi sen şu zatlara...

Gurbannazary şu pursatlar diňlemek diýseň gyzyklydy, juda gowudy, ol gürrüňini dowam etdirip, türkmenleriň dünýägaraýşyna, häsiýetine, umuman, bolşuna ünsüňi çekýärdi.

Gurbannazar:

— Men türkmenlere käwagtlar haýran galýaryn. Bir seretseň, hemme zada gözi ýetip duran ýaly, ýene bir seretseň, dünýäde iň yza galan halklaryň arasyna goşup goýberäýmeli. Bir seretseň mundan rehimli, mundan mert, mundan gaýduwsyz, şundan çydamly, şundan ynanjaň halk ýok ýaly. Ýene bir seretseň, şundan namart, şundan ýagşylygy bilmez halk ýogam ýaly — diýerdi. — Ine, sen görýärmiň, Derýa, düýn raýkom ýa-da ministr bolup ýörenleriň öňünde iki bükülip ýörenler, bu gün şolar işden pyzylaýsa, ony ýaňky adamlar depeläbem geçjekler. (Bu ýagdaýlara özüm ençeme ýyldan soň gabat geldim. Seniň öz ýetişdiren, ýola salan diňe işdeş ýoldaşlaryň däl-de, hatda öz ýakynlaryň, uly wezipe eýelänlerinden soň, seniň bilen salama-da

sataşaslary gelenok. Senden gaçýarlar. Hemme zady diňe öz güýjüm bilen gazandym diýdirjek bolýarlar). Hany, seniň adamkärçiligiň?! Iň bolmanda öz çagalaryňdan utan, olar hemme zada düşünip otyrlar ahyryn. Onsoňam, "Mal eýesine çekmese — şumluk" diýipdirler. Şu nädogry hereketleri ýaşlaram görüp dur. Olaryň "Ýokary wezipä namartlyk edip geçse-de bolýar" diýen pikire gitmekleri mümkin. Olar "Namartja olam — sagja olam" diýen nakyla gulluk ediberseler nähili bolar?

— Gurbannazar, ýaňky nakylyň-a türkmene mahsus däl. Megerem, şol nakyl biziň dilimize başga bir halkdan geçen bolmaly.

— Eger-de başga halkdan geçip, biziň aramyzda mesgen tutan bolsa, onda şoňa görä adamlar türkmeniň arasynda az däldir.

— Gurbannazar, juda beýdip alyp gidibermäli. Biziňem geçmişde dünýä gymmatlyklaryna goşan goşandymyz az däldir.

— Men ony bilýärin, emma düşün, diňe geçmiş bilen ýaşap bolmaýar. Şu döwür, şu XX asyrda näçe ylmy açyşlar boldy? Awtomobil, uçar, raketalar we ş.m., emma şol açyşlarda ýekeje-de türkmen ýok, näme üçin ýok? Ana, şu zatlaryň sebäbini edebiýatda, okuwda, sungatda, ikibaş söhbetdeşlikde adamlara düşündirjek bolmaly.

Ol ýene gyzykly pikirlere gümra bolýardy. Onuň taryhdan, tehnikadan, syýasatdan düşünjesi aňyrdanlygy görnüp durdy. Men gürrüňi dowam etdirjek bolup:

— Gurbannazar, seniň şu aýdýan pikirleriň Gerseniň "Byloýe i dumy" diýen eserinde-de bar — diýipdim.

— Hawa, aýt, hany diňläli.

— Diňleseň, Gersen rus halky barada käbir ýerlerde erbet zatlary ýazýar. Meselem, şol kitabynyň bir ýerinde şeýle mysal getirýär: "Biziň rus halkymyzyň käbir biderek häsiýetleri bar. Men bir gezek şeýle bir wakany gördüm. Bir şäherde gubernator işine barýar. Ýolda oňa her kim iki bükülip, salam berýär. Edaranyň öňünde bolsa, bar çinownikler oňa garaşyp durlar. Şweýsar onuň paltosyny emaý bilen çykaryp, elindäki çotga bilen onuň paltosynyň garlaryny kakyşdyryp, asyp goýýar. Gubernatoryň aýakgabyny çykaryp, ony süpürip, köwüş goýulýan ýerde goýýar. Şu edilýän hormatlary gubernator hezillik bilen kabul edýär. Şol günem merkezden biri gelip, gubernatory işden boşadýar. Indi bolsa, hälki bükülýänler işden pyzylan gubernatory görmedik bolýarlar. Men Russiýadan çykmankam, şu biderek häsiýet diňe rus halkyma degişlidir öýdýärdim, ýöne men ýalňyşýan ekenim. Goý, watandaşlar meni bagyşlasynlar, beýle häsiýet nemeslerde-de, iňlislerde-de, fransuzlarda-da, italýanlarda-da ruslaryňkydan kem däl ekeni. Umuman, bu adamzadyň kemçiligi ekeni.

— Ana, görýärmiň, Derýa, rus ýazyjylary, rus akyldarlary öz halkynyň kemçiligini kitaplarda aýdypdyrlar. Bizem şony etmeli. Ine, menem saňa I. Buniniň "Oba" diýen powestinden şu gürrüňlerimize kybapdaş ýerini aýdyp bereýin?

(Men ýene-de "Gurbannazar bu zatlary haçan okap ýetişdikä?" diýen soragy özüme berýärin).

Obadan çykman ýaşap ýören dogan hemme ýerleri aýlanyp ýören doganyndan soraýar:

— Beýleki ýurtlaryň adamlaram biziňki ýalymy? Ýok beýle däldir, biziň ruslarymyz ýaly däldir. Ana, biziň rus nemeslerimize seredip göräý, rus ýewreýlerine syn et. Hemmesi özlerini päkize, tutanýerli alyp barýarlar. Hemmesi biri-birlerini tanaýarlar, biri-birlerine hormat goýýarlar. Kömek edýärler. Eger-de başga bir ýere göçüp gitseler, hat alyşýarlar. Ene-atalarynyň, maşgala dostlarynyň suratlaryny ogullaryna, agtyklaryna goýup gidýärler. Çagalaryny okuwly, bilimli edýärler. Olary söýýärler, olar bilen seýil edýärler. Özleriniň deňi saýýarlar — ana, çagalaryna ýatlamaga zat bar. Bizde hemmeler biri-birine ýagy, göriplik, gybatçylyk, biri-biriniňkä ýylda bir gezek barýarlar. Tötänden bir myhman geläýse, diňe şonda öýleriniň içini tertibe salyp başlaýarlar. Aý, näme, gürrüň edip! Myhmana bir döwüm çöregi gysganýarlar, hamala, myhman bulary garyp goýjak ýaly...

Gurbannazar soňra türkmen eserlerinde şunuň ýaly meseleler barada juda az ýazylýanlygyny aýdýardy: — Türkmen özi barada nähili pikir edýär? Ol özüni tanaýarmy? Öz hereketlerine baha berip bilýärmi?

Ynha, men saňa türkmen ýigitleriniň, gyzlarynyň obadan Aşgabada gezmäge gelişlerine baha kesip bereýin. Ynha, bararlar rus bazaryna, çigitden kiselerini doldurarlar-da, ýöräp barýan ýerlerini hapalarlar. (Köne rus bazarynyň töweregi

Aşgabat ýaşlarynyň, köplenç, gezmäge çykýan ýerleridi, köne uniwermagdan tä telefon stansiýasyna çenli birnäçe attraksionlar bardy). Soňra agram ölçelýän gapanyň üstüne münüp agramlaryny, boýlaryny, güýçlerini ölçärler. Şol ýerdäkilere özlerini aldadarlar, özleriniň bar pullaryny sowup, obalaryna gaýdarlar-da, barybam, "Men Aşgabady gezip gaýtdym, ol ýerdäki şäherli oglan-gyzlary aňkardyp gaýdandyryn-how" diýer. "Ýogsa-da, manty bilen gutaplary erbet däl ekeni. Gelin-gyzlaryň bar höwesi şol moroženoýe" diýip güpülärler. Teatr, kino, opera, muzeý, kitaphana — muňa barýanlar az-azdyr. Ynanmasaň, özüňem syn edip göräý, bar-da."

— Ana, şonuň üçinem terbiýeçilik işine biperwaý garamaly däl. Her bir edebi eseri okyjy okap, birazajyk hem bolsa dünýägaraýşyny giňeltse, özi barada pikir etse, ol eseriň gowy boldugy. Onsoňam, bu zatlar diňe şahyr, ýazyjy, hudožnik, mugallyma däl-de, hemme adamlara degişlidir.

— Dogry, Gurbannazar, men, ine, mikroraýonda ýaşaýaryn. Arada bir zada ünsüm çekilipdi. Mikroraýonyň ýaşaýjylary köpmilletli. Şonuň üçin okuwçylar mekdepden gaýdyp gelýärkäler olaryň ejeleri: "Wolodýa, Sergeý, Andreý, geliň öýe, öý işleriňizi edip, soň oýnamaga çykyň" diýýärler. men hiç wagt türkmen eneleriniň "Myrat, Oraz, Baýram, öý işleriňizi ediň, soň oýnamaga çykyň" diýen sözlerini eşidemok.

— Şuny gowy belläpsiň. Derýa, ýöne bir zady welin unutmagyn, Hudaýa şükür, biziň gelin-gyzlarymyz türkmeniň abraýyny sakladylar. 100

yyldan gowrak wagt özge halkyň garamagynda türkmen gelin-gyzlary bir-ä milli geýimlerini ýitirmediler, birem özge halka, millete durmuşa çykmadylar. Mertebesini belent sakladylar.

Gurbannazaryň ýaşlar barada aýdan pikirlerine indi-indi düşünýärin.

— Türkmenlerden gowy kadrlar ýetişdirmek juda kyndyr.

— Ol näme üçin kyn — diýip, men sorapdym.

— Kynlygynyň sebäbi: "Bu zatlara düşünersiň gowy sen, okaberseň Pawlik Morozowy sen" — diýip, Mämmet Seýidowyň degişmesini aýdardy. Pawlik Morozow kim? Ol öz ene-atasyny satan adam. Partiýa üçinem edil şonuň ýaly türkmenler gerek. Sen kimiň goly astynda? Şony bilýärmiň?

— Biz respublika ahyryn, biziň öz konstitusiýamyz bar, onda milletiňe garamazdan, hemme deň.

— Eh, sen! Bir zada syn et! Ukyply adamlardan ukypsyz adamlar elmydama kändir. Ukypsyzlar ukyplylara gabat gelse, kakyp goýbärler. Agalyk edýänler türkmenleriň arasyndan ukyply, iň başarjaň adamlary döwlet işine, dolandyryş edaralaryna almazlar. Olar nämä gerek? Olar köpeliberseler, gerekli-gereksiz soraglary goýup başlarlar: "Biziň nebitimiz, gazymyz, pagtamyz nirä, näçe manatdan gidýär?" diýip başlarlar. Şonuň üçinem, olar ýaly işgär göze göründigi gaýdyryp goýbererler. Bahanada, näçe diýseň tapylar: sünnet, galyň, öwlüýäde töwir galdyrypsyň. Gepiň gysgasy, gowşaklary, nalajedeýinleri ýokary çekmeli. Islän wagtyň ýüpüni dartyp oturar ýaly adamlar gerek. Sen hem ahmal

bolma, duýduklary gaýdyryp goýbererler. Sen sorap gör okuwçylaryňdan: “Respublikamyzda näçe gaz öndürilýär? Näçe nebit çykýar? Olardan näçe girdeji bolýar? Köpüsi bilmez. Emma pagtany welin, hemmesi biler. Hatda haýsy raýonyň näçe pagta öndürýändigini bilerler. Bu zatlar halk nebitden, gazdan daşrak bolsun diýlip edilýär. Sebäbi ondan gelýän girdejiniň sany-hasaby ýok. Hany, olaryň biziň halkymyza peýdasy barmy? Pagtaňyz bilen boluberiň diýýärler, sebäbi näme? Sebäbi ýer ýüzünde pagta öndürmek yza galan halklaryň paýyna düşýär diýlip hasap edilýär. Sen pagta öndürýän döwletleri sanap göräý. Şolaryň haýsysy gowy ýaşaýar?

— Nätdiň-aý muny, Gurbannazar?

— Men-ä hiç zat edemok, ýoldaş komsomol. Hazar deňzi ýaly deňiz hemme halklara ýetdiriberenok. Şunuň daş-töweregini dünýä belli kurortlar etse boljak, hasam, Esenguly, Çekişler, Awaza, Çeleken töwereklerini. Bu ýerleriň deňziniň suwy örän arassa. Gowy howasam bar. Onsoňam, bir zada üns ber, her bir deňziň gyrasynda ýaşaýan halklaryň deňiz floty bolupdyr, bizde şolam ýok ahyryn. Haýran galaýmaly, deňiz bizde, deňiz ministrligi bolsa, deňiz ýok respublikada ýerleşýär.

Men Gurbannazary diňleýän, öýe baryp şu pikirleri ýazyp goýsam, soňra gerek bolar diýýärin. Emma, arman, hiç zat ýazmandyryn, gündelik aladalar bilen bolup ýörüpdiris. Bu hem, mümkin, türkmenleriň bir aýratynlygydyr...

## GURBANNAZARLARYŇ ÖÝÜNDE

Hälki aýdyşym ýaly, Gurbannazarlaryň öýleriniň myhmansyz bolan wagty seýrekdi. Günleriň birinde ol maňa jaň edip: "Hany, durman gel, özem gowuja bolup gel, öýde myhmanlar bar" — diýdi. Onuň "gowuja bolup gel" diýen jümlesine men düşünýärdim, edil onuň diýşi ýaly hem etdim. Sagat irden 10-lar töweregidi, men "gowuja bolup" — iki çüýşe arak alyp, Gurbannazarlara bardym, içki öýünde Annaberdi Agabaýew, Ýuriý Rýabinin, Eduard Sklýar hem-de ýalňyşmýan bolsam, Annaly Berdiýew dagy stoluň başynda oturyp, edebiýat barada jedelleşip, meniň baranymy hem duýman galdylar. Men şu ýerde Eduard Sklýar bilen tanyşdym.

Oturylyşyk uzaga çekdi, bularyň edebiýat barada edýän gürrüňleri meniň üçin hem örän gyzyklydy. Biri bir pikiri orta atar, beýlekisi onuň garşysyna ýene bir pikiri aýdar — ynha, bir hezillik, ýöne diňläp oturmaly. Meniň bolup oturyşymy görüp, Eduard Sklýar Kedriniň goşgusyndan iki setiri aýdyp goýberdi:

“U poetow ýest takoý obyçaý,
W krug sadýas oplýowywat drug-druga...”

Annaberdi Agabaýew bu goşgyny terjime eden eken:

Şahyrlaryň edähedi, jem bolup,
Bir-birini çykarmakdyr püçege...

Men işe gitmelidim, oturanlardan rugsat soradym, şonda Annaberdi:

— Gurbannazar, sen bagtly adam, şunuň ýaly dostuň bar, meniňem dostlarym az däldir welin, ýöne şunuň ýaly irden öýüme “gowuja bolup” gelýänini göremok.

Annaberdiniň bu öwgüsini halaman durmadym. Gurbannazar bolsa:

— Meniň dostlarym şeýle-dä — diýip meni ugratmaga çykdy.

Gurbannazarlaryň öýündäki oturylyşyklar uzaga gidýärdi, men käwagtlar şolarda galýardym:

— Indi giç, gaýdyp oturma, men ýatyp uklap bilmerin, gije gaýtma, galaý bu gije — diýip, meni alyp galardy.

Gurbannazarlaryň öýi duz-çöreklidi. Onuň bu nahary halaýan, muny halamok diýen gürrüňini men-ä eşidemok. Ýöne onuň gowy görýän zady gowurdagy eredip, bir çemçe ýagy ýüzüniň ugruna içip goýbererdi.

— Şuny senem öwren, saglygyň üçin gaty gowy zatdyr.

Saglyk barada aýtsam, Gurbannazaryň "meniň pylan ýerim agyrýar" diýenini eşidemokdym. Ol sagat adamdy. Bir gyzykly zat, Gurbannazaryň burny ys almaýardy, şuny men geň görerdim:

— O nähili ys alaňog-a? Burun diýilýän zat diňe dem almak üçin däl-de, ys almak üçinem döredilendir ahyryn?! — diýenimde, ol:

— Eger "Şipr" ýa-da "Karmen" odekolonyny burnumyň deşiklerine eltip ysgasam, şonda bir erbet zadyň ysy gelýär — diýip gülerdi.

— Aý, onuň burun bolaýşyny — diýip, men ýene-de degişmämi dowam ederdim. Ol bolsa:

— Şunuň ýaly owadan, grek burun Türkmenistanda-ha ýokdur, dünýäde-de ýok bolaýmasa...

— Ýok, burnuň görnüşine zat diýip biljek däl, ýöne mazmuny ýok, goşgynyň formasy bolup, mazmuny bolmasa nädýäňiz? Tankyt edýäňiz, menem seniň burnuň formasy örän oňat, ýöne mazmuny ýok diýýärin.

— Haý, türkmen, şunuň ýaly buruna-da at dakyp bilýäňiz?!

— Diňe burnuň däl, saçyňam-a ýaman ir agarypdyr — diýip, ony gününe goýamok.

— Aý, bir dostuň Aşyr bolsa, ýene biri Derýa bolsa, gözüňem agarar — diýip, yzyny goşga öwrüp goýberer:

"Razy, çalarypdyr, gara saçlarym,
Razy, hernä çalarmandyr ýüregim...

Hawa, "Jahan aýlanyp dur, oňatlyk örän..."

“Düýnüň özi garaşypdyk ýaşlyga,
A bu gün bolsa geçip barýar şol ýaşlyk...”

Eýýäm ençeme ýyllar geçipdir, ýöne Gurbannazaryň ornuny meniň kalbymda başga hiç kim tutup bilenok. Şol boşlugyna dur.

Bir gün dynç alyş günüdi, ol maňa jaň edip, gelmegimi haýyş etdi. Men bardym, ol “Kil munda!” diýip, kakasynyň ussahanasyna alyp girdi. Men şu ussahana birinji gezek girişimdi. Bu ýerde şaý-sep ýasamak üçin hemme gurallar bardy. Gurbannazar:

— Ynha, men saňa gülýaka ýasalyşyny görkezeýin — diýip, bir guraldan eýran kümüş apbasysyny geçirdi, onuň görnüşi üýtgedi, soň ol meniň gözümiň öňünde bir täze gülýaka ýasady, ýüzüne diňe altyn çaýaýmaly edip goýdy.

— Altyny kim çaýýar?

— Ejem bilen Hally.

Men indi şol kysmy gülýakany gyzlaryň ýakasynda dakynanyny görsem, her gezek Gurbannazaryň ýasanydyr öýdýärin. Zergärçiligiň bu öýde ata-babadan gelýändigini men bilýärdim, ýöne Gurbannazaryň özüniň kümüş ussaçylygyndan başy çykýandyr öýdemokdym.

— Tüweleme, Gurbannazar, Hudaý saňa eçilip bilipdir.

— A, ty kak dumal-a? Seret, Magtymgulynyň söýgülisi kim bolupdyr? Meňli bolupdyr, meniň söýgülim kim — Hally. Magtymguly zergär bolupdyr gerek? Menem azda-kände kümüş ussasy. Magtymguly şahyr bolupdyr gerek? Bolupdyr.

Menem azda-kände şahyr... Gör, bu bolýan zatlary — diýip degşerdi.

— Gurbannazar, sen üstesine sazanda-da, dutary azda-kände, elbetde diňe meniň bilen, çalýaň ahyryn.

— Ha-ha! Bu zatlar öňküleriň üstüne.

Elbetde, eger-de men gündelik ýöreden bolsam, onda okyjy üçin ýekeje güni hem sypdyrman aýdyp bererdim, ýöne nätjek-dä, entek gündelik ýöretmek türkmen intelligensiýasynyň häsiýetine girmändir. Şindem bir pille.

## DOSTLUK GATNAŞYKLARY

Men häli gürrüň beripdim. Gurbannazarlaryň gapysy ir diýmän, giç diýmän, elmydama açykdy. Gurbannazaryň özi hem käwagtlar wagtyna garamazdan "Ýörüň, pylanylara gideliň" diýip, ýanyndakylar bilen kim-de bolsa, bir dostunyňka gidibererdi. Bir gezek ýarygijeden soňdy. Gapy kakyldy, açyp görsem Halyl bilen Gurbannazar.

— Türkmeniň iki beýik şahyry gelip gije gapyňy kaksalar, özüňi bagtly hasap etmeli gerek, Derýa?! — diýip, Gurbannazar ikisi öýe girdi. Çaý-çörekden soň şeýle bir goşgy okaşyk boldy welin, arman, şol döwürde magnitofonym ýokdy-da.

Halyl bilen 1969-njy ýyldan bäri goňşy bolup oturdyk, ilki köne uniwersitetiň howlusynda, soňra bolsa altynjy mikroraýonda.

Anyk ýadymda däl, ýetmişinji ýyllaryň bahar paslydy.

Gurbannazar, men, Nury Halmämmet, Baýramguly Amangeldi bir ýerden gelýärdik, wagt giçdi, bahar ýagşy bolsa şeýle bir guýýardy welin, edil bedreden guýulýan ýalydy. Şu ýagşyň astynda Nury: "Gurbannazar, men şu taýdan hiç ýere

gymyldajak däl, siz nirä gitseňiz gidiberiň, munuň ýaly ýagşy Hudaý elmydam berip duranok, gymyldajak däl" — diýdi. Gurbannazar bolsa:

—Ana, munuň kakyny tutup başlady, aý, men maňlaýy gara, elmydama Annaberdi bolsun, Nury bolsun, şular ýaly oturylyşykdan soň alada baryny berýärler-how, gör-ä, munuň bolup durşuny — diýdi.

Biz 10-njy mikroraýondadyk. Men:

— Şu ýerde Aşyr Bäşimow ýaşaýar, şolara baraly — diýdim. Üst-başymyz görer ýaly däl, Aşyryň gapysyny kakdyk, ol bizi mähirlilik bilen garşy aldy, emma Nury şol duran ýerinden gymyldaman, ýagşyň astynda durdy. Gurbannazar bardy – gaýtmady, men bardym — gaýtmady, soň bir seretsek, ýitirim bolup bir ýere gidipdir. Şonda Gurbannazar:

—Entek duruberiň, menem-ä Annaberdi bilen Nura bir gün iş bolaryn, ana, şonda görüberýäs — diýdi.

Megerem, Gurbannazar Nury hem Annaberdi bilen köp tirkeşenden soň, her hili ýagdaýlara gabat gelýän bolara çemeli.

1972-nji ýylllarda SK KPSS alkogolizme garşy göreş diýip karar çykardy. Bir ýerden Gurbannazar, Baýramguly, Amangeldi Amanow dagy jaň edip, maňa piwo satylýan ýere bar diýdiler. Hemmämiz bileräk bardyk. Şol wagtam piwo gutardy. Indi näme etmeli, nireden hem bolsa piwo tapmaly. Biz "Sumbar" dükanyndan çüýşeli piwo alyp çykdyk, şol bada ýüz ugra açyp, suwsuzlygymyzy gandyrjak bolanymyz hem şoldy welin, iki milisioner biziň

ýanymyza gelip, bize azar berip başladylar: "Näme üçin içýäňiz, şu taýy içilýän ýermidir?", ýogsa, dükanyň daş-töwereginde serhoş bolup ýatanlaram bardy, olar bilen işleri ýok, biziň sypatymyzy medeniýetli gördülermi, nämemi, bilmedik. Gurbannazar:

— Biz erbet adamlar däl, içip ýykylyp ýöremzok. Bu Amangeldi Amanow — poligrafyň direktory, Derýa Baýramgulyýew — aspirant.

Şol ýerde bize Begmyrat Ussaýew hem goşulypdy, munam goýberenoklar.

— Begmyrat Ussaýew — uniwersitetiň dosenti hem şahyr, Baýram Amangeldiýew — Gosplanyň işgäri, menem Gurbannazar Ezizow — şahyr — diýip, ýanyndaky Pribaltikada çykaran kitabyny milisionerlere görkezdi. Olara geregem şoldy öýdýän. Gurbannazaryň elindäki kitaby aldylar-da:

— Indi şu adamlaryň biri şu ýerden gymyldasa, hemmesine sen jogap berersiň — diýdi.

Telefon apparatdan jaň edip, "jenaýatçylaryň" uly bir toparyny tutduk, tizräk maşyn iberiň — diýdiler.

Ýeri, bular üçin şahyr, mugallym ýa-da türkmen intelligensiýasy kim? "Şular ýaly adamlary köpräk tutuň" diýen buýruklary bar ýaly. Indi näme etmeli, bu uly masgaraçylyk, ertir bütin Aşgabat eşider. Gurbannazar Amangeldi Amanowa, Begmyrat Ussaýewe:

— Siz bir gidiň şu ýerden, biz öz günümizi göreris-dä — diýdi.

Bulary sypdyrdyk, şol bada aňyrdan sirenasyny gygyrdyp, milisiýanyň maşyny geldi. Içinde dört-

bäş sany milisioner çykyp, biziň ýanymyza geldi. Şolaryň ulusy meni tanaýdy. Ony milisiýa işlemek üçin komsomoldan iberen özüm ekenim. Ol öňki bizi saklap oturanlara:

— Şulardan başga işiňiz ýokmy? Azar bermäň bulara! — diýip, bizi uly biabraýçylykdan sypdyrdy.

Gurbannazar bilen Baýram bolsa:

— Indi bar işimizi taşlap, barja zadymyzy satyp, bir ýerde komsorg bolup işlemesek armanly galarys, ýeri, ýaňkylara şahyr, dosent, direktor hiç kim, hiç zat, emma bu komsomol — partiýa işgäri bolsa abraýly, nähili bolýar bu zatlar?

## OGUL KÜÝSEGI

Gurbannazaryň, Baýramgulynyň, Amangeldiniň, Aşyryň gyzlary bardy, hemmesi ogula garaşýardylar. Gurbannazar “oglum bolanok” diýip, juda alada edýärdi. Ol: “Siz ogully atalar, bu aladany bileňzok” diýerdi.

— Ogul boldurjak bolsaň pylan zat iýmeli diýdiler — iýdim, ogul bolmady, ýene-de biri pylan zat etmeli diýdi, onam etdim, ýene-de bolmady, indi men-ä ýöne oturybermesem, ile gulak salmaga-da gorkýan — diýip gülerdi.

Şu ýerde bir zady okyja aýtsammykam, aýtmasammykam diýip, pikir öwrüp, ahyry aýtmagy göwnüme makul bildim.

Günleriň birinde men, Tokar, Gurbannazar Ýalkym obasyna – Baýramgulylara gezmäge gitdik we olarda ýatmaga galdyk. Baýramgulynyň aýaly Orazsoltan gelnejemiziň aýagy agyr eken. Ine, daňdanlar öýde hysyrdy başlandy, bir salymdan soň Baýramguly: “Buşluk, ogul boldy” diýip geldi. Oglunyň adyna biziň hatyramyza Nökergeldi diýip at dakdylar. Häzir Nökergeldi Amangeldiýew

respublikamyzyň tanymal aýdymçylarynyň biri. Birnäçe gyzdan soň ogul görmek türkmen üçin uly begenç, bagt.

Indi habary kimden al? Menden al. Men Gurbannazara, Amangeldä, Aşyr Bäşimowa: "Ogul boldurjak bolsaňyz, wagty ýetiberende meni öýe çagyryp, hyzmat etseňiz bolany, hökman ogul bolar, enşalla! Meniň aýagym düşýär" diýip, degşip ýaňkylara aýtdym. Ine, Hudaý tarapyn, Aşyr Bäşimowyň ogly boldy, men has beleň alýardym: "Ine, görýäňizmi, öňki güni Aşyrlarda oturdyk, aýdýan-a meniň aýagym düşýär diýip".

Elbetde, bu meniň üçin degişme, ýöne Gurbannazar bilen Amangeldi, dogrudanam, wagty ýetiberende meniň yzymdan aýrylanokdylar. Amangeldilerde oturyp, uzynly gije küşt oýnap geçirdik, ertesi Amangeldiniň ogly boldy. Bol, bol, Derýa bol. Indi: "Gurbannazar, senem neni sypdyrma, hökman ogul bolar" — diýýärin. Iki gije Gurbannazarlarda bolduk — gyz boldy.

— Eh, sen, meni aldadyň.

— Bolar, enşalla, bolar, Gurbannazar — diýip hemmämiz Gurbannazaryň oglunyň bolaryna garaşýardyk.

Ogul boldy, arman Gurbannazar ony görüp bilmedi. Gurbannazaryň ogly Diller institutynyň iňlis dili fakultetini gutaryp, häzir sag-aman işläp ýör. Tüweleme, gowy ýigit bolup ýetişdi, öýli-işikli boldy. Gurbannazaryň nesli dowam edýär.

Ýaňy-ýakynda Gurbannazaryň ogly öýlendi. Tüweleme, gowy toý edildi. Toýa Gurbannazaryň

ýakyn dostlarynyň biri A. Agabaýew ýolbaşçylyk etdi. Şu ýerde bir guwandyryjy zat, olam Gurbannazaryň maşgalasyna toý etmek üçin Eýran türkmen işewürleri kömek etdiler. Bu bolsa, Gurbannazaryň goşgularynyň Eýran türkmenleriniň arasynda-da uly hormata eýediginiň hem-de olaryň arasynda populýar bolandygynyň alamatydyr. Bu guwandyryjy faktdyr. Türkmenler: "Ýagşylyk ýerde ýatmaz", "Ýagşylyk et, derýa at, balyk biler, balyk bilmese, Halyk biler" diýipdirler. Eden ýagşylyklary üçin, Gurbannazaryň dostlarynyň adyndan köp sag bolsun aýdasym gelýär.

Şu ýerde gelnejemiz Hally barada iki agyz söz aýdasym gelýär. Türkmenfilmiň "Gelin" diýen filmi bütin dünýäni aýlanyp çykdy. Bütin dünýäniň kinotomaşaçylaryny türkmen gelniniň päkligi, wepalylygy haýran galdyrdy, olaryň birnäçesi ynamsyzlygam edipdirler, XX asyrda munuň ýaly wepalylyk galan däldir diýip. Emma ýalňyşýarlar, ine, Hally gelnejemiz Gurbannazaryň öýüniň ojagynyň oduny öçürmän, bütin häzirki zaman türkmen zenanlaryna, gelin-gyzlaryna görelde bolup otyr. Bu gahryman aýal, hakykatdanam, gahryman aýal. Gurbannazaryň aýaly Hally gelneje barada, onuň ejesi Gülnabat daýza barada näçe oçerkler, balladalar döredilse-de, bärden gaýdarmyka diýýärin. Şularyň, şular ýaly maşgalalaryň türkmen halkynda barlygyna men guwanýaryn. Olar azam däldir. Ine, şunuň ýaly zenanlar biziň halkymyz üçin merdana ýigitleri, ojagyna wepaly gelinleri

ýetişdirer durarlar, enşalla! Hally gelneje, Gülnabat daýza ýaly maşgalalaryň edep-ekramy-da, jemgyýetde, maşgala ojagynda, il arasynda özüni alyp baryşlary, perzende berilmeli terbiýesi bilen bütin türkmen zenanlaryna, aýal maşgalalaryna, nesil dowamatynyň sakasy bolan juwan gelin-gyzlarymyza göreldedir diýip, gaýtalasym gelýär!

# MAŞYN

Gurbannazar maşyn edindi. Gyzyl reňkli "Žiguli" maşyny. Şol wagt hem Pribaltikada gyzyl reňkli kitaby çykypdy. Muňa hemmämiz begenýärdik. Gurbannazara maşyn sürmegi öwretmäge-de Baýramguly ikimiz başladyk. Maşyn sürmäge ýene-de şol ilerik baýyrlyklara, düzlüge giderdik. Gurbannazara maşyn sürmek kyn düşýärdi. Bir gezek ilerden özi rola münüp, öňki Lenin prospektinden gaýtdy. Ol aljyraýardy, bizem iki ýanyndan eýle sür-de, beýle sür diýip, ony hasam aljyradýardyk. Şol barmana Hudaýberdiýew köçesi bilen çatryga ýetende çatrygyň ortarasynda Gurbannazar maşyny sürüp bilmän duruberdi. Gapdaldan maşynlar signal berip, ony has beter aljyradýardylar.

Şonda Gurbannazar:

— Bulara sered-ä, yzlaryndan ýagy kowalaýan ýaly-la bularyň, hany şu ýerden gozganman dursam, nädersiňiz-ä? — diýip, maşynyň motoryny söndürdi oturyberdi. Rula Baýramguly geçdi.

Gurbannazar deňimizden geçýän maşynlara seredip:

— Duruberiň entek, gowy bir öwreneýin sürmäni, onsoň görersiňiz gapdaldan geçmäni — diýipdi.

## GURBANNAZARYŇ AÝRATYNLYKLARY

Gurbannazar ýyly geýinmäni gowy görerdi. Şol barada Kerim Gurbannepesowyň bir degişmesini aýdardy... Bir gezek Gurbannazar gyşyň güni Kerim agalara baranda içerik girip, plaşşyny çykarypdyr, soň penjegini, soň žemperini, soň ýeňsizini, garaz, ýöne çykaryp durmuşyn...

Şonda Kerim aga:

— Boldy-how, Gurbannazar, deriňe ýetýäň beýdip — diýip, oňa degipdir.

Gurbannazar degişmäni gowy görerdi. "Ýumorsyz adam ýarym adam, onuň bir zady kem ýalydyr" diýerdi.

Sungatyň, edebiýatyň wekilleri barada özüniň pikirini göni aýdardy. Şol wagt talyp bolup okap ýören hemem populýar aýdymyň goşgusyny ýazan Allaýar Çüriýewe "Berekella, Allaýar, "Ýüregimde ýalyn lowlar" diýen setirleriňi ajaýyp tapypsyň, molodes, şunyňy gaty oňarypsyň, köpräk şular ýaly setirler bilen goşgy ýazsaň, abraý taparsyň" diýerdi. Artistlerden, drama artistlerinden Hajy

Annamämmedowyň ussatlygyny bellärdi. Juma Ýazmyradowa: — Şu artistiň talanty üýtgeşik, durşy bilen talant bolup dur, ýöne ownuk zatlara köp dalaşýar, obraz döretmeli" diýerdi. Ýaş artistleriň arasynda elmydama Juma aýratyn sarpa goýardy.

Meniň pikirimçe, Gurbannazar Ezizow türkmeniň ilkinji şäher şahyrydy. Meniň şu pikirim, elbetde, hökman dogrudyr diýip bilmen, ýöne alymlar Ezizowyň şu taraplaryny öwrenerler diýip pikir edýärin.

Gurbannazaryň gowy görýän zatlarynyň biri, olam krossword çözmekdi. "Ogonýok" žurnalynyň her sanyny tapyp alyp, şondaky krosswordy çözmän aýrylmazdy, çözüp bilmedik sözlerini oňa-muňa jaň edip sorardy. "Ogonýok" žurnalynyň indiki sanyna garaşyp, ondaky jogaplary görüp, öz çözgütleri bilen deňeşdirip görerdi. Gurbannazar krosswordyň 90 göterimine çenli özi çözerdi, soňam: "Görýärmiň, ediberşimi?" diýerdi, öz-özüne "Berekella, Gurbannazar!" diýerdi.

Men Gurbannazara türkmeniň ilkinji şäher şahyry diýip aýdanymda, onuň döredijiligi barada däl-de, özüniň beýnisiniň berkän ýeri şäher diýip aýtjak bolýaryn! Ahmet Gurbannepesow bilen ikisi jedelleşýärler: "Şäher adamsy gowumy ýa-da oba adamsy?"

— Meniň pikirimçe, şäher-ä şäher welin, ýöne paýtagt barada aýratyn bir zat bar. Paýtagtda ýaşaýan adamyň jogapkärçiligi juda uly bolmaly. Kimiň öňünde diýeniňde — öz halkynyň öňünde, esasan, paýtagta gelýän daşary ýurtly myhmanlaryň öňünde.

Paýtagtda ýaşaýanlary obadan gelen adamlar görende: “Baý, tüweleme, türkmen ösüp gidipdir” diýmeli. Paýtagtlylar özüniň dünýägaraýşy bilen, myhmansöýerligi bilen, mylakatlylygy bilen tapawutlanmalydyrlar. Özem şu ýerde Türkmenistanyň hemme ýerinden iň gowy wekiller ýaşamaly. Paýtagt adamlary özüniň watandaşlarynyň aladalary bilen ýaşamaly. Paýtagtda ýaşap, “5 sygrym bilen 50 sany goýnum bolaýsa” diýen pikirli adamlaryň bärde işi ýok. Paýtagtyň kynçylygyna döz gelmeli, ýöne, görüň-ä, öz obalarynda biabraý bolanlaram paýtagta gaýdyberýärler. Sebäbi bu ýerde ýaşaýjy kän, belki onuň pesligi, namartlygy bu köpçülikde bilinmän galar. Paýtagt durmuşynda şeýle zatlar seýregem däl ahyryn... Onsoň şol adamlara wezipe dagy ýetäýse, Alla ýaryň...

Gurbannazar:

— Derýa, seniň bu aýdýan zatlaryň üçin, şu zatlary pikir edip bilýäniň üçin, gel, men seniň eliňi gysaýyn-la — diýer.

Ahmet bolsa ýuwaş-ýuwaşdan biziň pikirimize ulaşyp:

— Elbetde, oba adamy ýönekeýje, şo-ol zähmeti bilendir. Umuman, men oba adamyny gowy görýärin. Bärde şäher adamynyň hasam, paýtagt ýaşaýjysynyň özüniň düşünmegi gerek, sen paýtagtlymy, diýmek, sen bütin Türkmenistanyň, türkmenleriň häzirki hem geljekki durmuşy bilen bolmaly. Diňe öz aladaň bilen ýaşamak paýtagt ýaşaýjysyna gelşenok.

— Ýok, meniň pikirimçe, şäher adamy gowy, ol kalby arassalyk bilen tapawutlanýar, giň, ownuk-

uşak zatlar bilen kän işi bolmaz. Gözýetimi giň, özüniň mertebesini gorar, jomartlyk bilen tapawutlanýar. Oba adamy bilen şäher adamyny men gürrüň açylandan tanaýaryn.

— Ahmet, oba adamlary zähmetsöýer bolýarlar. Olar şähere gelibem, şäherdäki deňduşlaryndan ökde çykýarlar, birbada agyr bolsa-da, soň rüstem çykýarlar.

Dogry aýdýarsyň, şäher ýigidiniň öýi üstünde, nahary taýýar, eklenç barada aladasy ýok, köp zatlara biperwaýlyk bilen seredýär. Bu pikiriň bilen ylalaşsa bor, Ahmet — diýýärin.

— Ýöne, şol oba ýigidi şähere gelen badyna "Menem sizçe bardyryn, ine, görersiňiz" diýip, soň öz maksatlaryna ýetjek bolup, öz mertebelerini depeledýän ýerlerem az däldir. Bir uly adam bolup ýetişende bolsa, şol özüniň ýaşlykda gören horluklaryny başgalara-da görkezjek bolýar, bu bolsa onda ýaramaz häsiýetleriň ösmegine ýol açýar.

— Ahmet, men Derýa bilen ylalaşýaryn, ol köp zady dogry aýdýar.

Men Gurbannazar bilen Ahmede ýüzlenip:

Ýüwrük münüp, toý tutup,
Dost-duşmana göz etsem...

— diýip, türkmen aýdymynyň iki setirini okap:

— Ýeri, bolýarmy şu? Näme üçin hökman dost-duşmana göz etmeli, ýok, men muňa düşünemok — diýenimde, Gurbannazar ýene Mämmet Seýidiň degişmesini aýdyp goýberer:

Bu zatlara düşünersiň gowy sen,
Okaberseň Pawlik Morozowy sen...

Gurbannazar ýetişip gelýän ýaş şahyrlardan Kakabaý Gurbanmyradowy, Atamyrat Atabaýewi, Nobatguly Rejebowy, Orazguly Annaýewi bellärdi. Bu ýaş şahyrlar ýygy-ýygydan Gurbannazaryň ýanyna üýşerdiler. Olar bilen oturyp poeziýa, edebiýat, tankyt barada köp gürrüň edilerdi. Bu ýaş şahyrlar Gurbannazara uly hormat goýardylar. Gurbannazar hem, umuman, ýaşlara hemme tarapdan görelde bolup bilýärdi. Gurbannazara meňzejek bolýardylar. Men bir gün Gurbannazara: "Seniň şahyr dostuň Atamyrat Atabaýewi bir beladan-a sypdyrandyryn" diýenimde, ol: "Indi senem şahyrlara kömek etjek dälmi? Bu seniň — hakyky komsomolyň borjy bolmaly ahyry" diýipdi. Soňky döwürlerde, hasam, Kakabaý bilen köp tirkeşipdi. Bir gün Kakabaý, Ýuriý Rýabinin dagy bilen Gurbannazar öýe gelip, goşgy okaşmak edipdiler.

1960-njy ýyllarda her ýylyň güýz aýlary talyplary pagta ýygmaga äkiderdiler. 1962-nji ýylda uniwersitetiň türkmen dili we edebiýaty fakultetiniň talyplary Tejeniň "Prawda" kolhozynyň "Jylaw" diýen ýerinde pagta ýygdylar. Şonda Gurbannazaryň gürrüň berşine görä, juda syçanly ýyl bolupdyr. Gurbannazary bolsa talyplar öz brigadasynyň aşpezi edip belläpdirler. Tejende nahar bişirenlerinde ýer ojagyny gazana laýyk edip gazýarlar, gazanyň agzy bilen ýer bolsa, bir gönülikde bolup duruberýär.

Gurbannazar nahary ýetişdiripdir. Talyplar bolsa, günortanky çekimden soň, hersi öz gap-çanaklary bilen nahara tarap ýöräp ugraýarlar. Gurbannazar nahary atarmazdan öň etini gowy duzlapdyr, eti gaýnandan soň çorbasyna-da ep-esli duz atypdyr. Pagta brigadiri bolsa, bu ýaş oglan nahary oňararmyka, oňarmazmyka diýip, Gurbannazar gazanyň ýanyndan aýrylanda, ondan soraman, nahary datman ýene-de duz atypdyr. Nahar örän duzly bolupdyr. Talyplar gelip Gurbannazara: "Ertirki nahara duz galdyrdyňmy?" diýipdirler. Garaz, "Gurbannazaryň nahara duz atyşy ýaly" diýen gürrüň pagtadan gaýdýançalar galmandyr.

Annaberdi Agabaýew Gurbannazaryň goşgularynda birnäçe meňzeşlikler bar diýýär. Bu olaryň biri-birleri bilen jedelleşenlerinde orta çykýan mesele bolmaly. Meniň pikirimçe, hemme kämil zatlarda meňzeşlik bar. Gowy adamlar, gözeller, aňrybaş tehnikada-da meňzeşlik bar, bu bolsa Gurbannazaryň goşgularynyň kämilliginiň alamatydyr.

Gyşyň uzak gijeleri Gurbannazarlaryň öýlerinde oturyp, edebiýat barada jedeller edilerdi. Soňra Gurbannazar täze goşgularyny okap bererdi, özem "Nähili, bolupmy?" diýip sorar. Men:

— Gurbannazar, "Sagat çot kakyp dur, şyk, şyk, şyk" diýenden "Sagat wagt sanap dur..." diýip alsaň, has türkmençeräk bolaýjak ýaly-la" — diýýärin.

— Bu pikiriňi göreris — diýýär.

Emma goşgusy welin, ýene öňküligine çapdan çykar.

Ýene bir degişmesi bardyr. Birimiz: "Indi dynç alaýsak, öýli-öýe gaýdaýsak, wagt bir çene ýetdi, onsoňam, kelläm agyrýar" diýsek, ol şol bada:

— Eh, sen, kelläm diýme-de, şu taýym agyrýar diý — diýip, kellesini görkezer: "Sende kelle barmy, agyrar ýaly, şu taýym agyrýar diýip görkez" — diýip degişerdi.

Gurbannazar ýene-de türkmeniň geçmişi, ykbaly hakda gürrüň açar.

— Görüň-ä muny, dünýä ýüzünde ençeme halklar ýaşaýandyr, emma ýekeje-de halylary ýokdur. Biziň türkmenlerimizde diňe bir halkyň içinde haly sungatynda özboluşly teke göli, ärsary göli, ýomut göli, beşir göli, garaz, sanasaň sogaby bar. Özem bir halkyň dünýä gymmatlyklaryna goşandy. Ýa-da, gawunlaryny alyp görüň. Waharman, garrygyz, göktorly, zamça, gülaby. Oturyp pikir edýärsiň welin, bular halkyň geçmişde ägirt bolanlygynyň alamaty.

— Gurbannazar, ahal, ýomut atlary barada, ýorunja barada näme diýjek sen? — diýýärin.

— Ahal, ýomut atlary dünýä belli atlar, ýöne ýorunjanam türkmenler döredipdirmi?

— Hawa-la, Gurbannazar — diýip, men "Gurbannazaryňam bilmeýän zadynyň üstünden bardym-ow" diýip hondan bärsi bolýaryn. — Aýtsam, türkmen seleksionerleri ýörite at üçin iýmit diýip, baryp-ha, Parfiýa döwleti parlap ösýän wagty ýorunjany oýlap tapypdyrlar. Şonuň üçinem ýorunja otunyň hakyky mekany Türkmenistan bolmaly. Syn edip görseň, ýorunjadan doýan atlaryň endamy

ýalpyldap durandyr. Ol ot şu ýerden dünýä ýaýrandyr, şuny bilip goýuň.

— Berekella, Derýa, men şuny bilmeýän ekenim.

Ýa-da türkmen dili barada gürrüň açar: "Geliň, kim bir söze köp sinonim tapmaşak?" diýip, özi seret diýen söze sinonimleri tapyp başlar: "Seret, eset, gara, bak, gözle, äňet, nazar eýle. Şunuň ýaly dilde beýik-beýik eserleri döretse bolar" — diýer.

Gurbannazaryň gowy häsiýetleriniň biri, olam, arasyna tow düşen maşgalalary ýaraşdyrmakdy. Men olaryň atlaryny tutup oturmaýyn. Ýöne Gurbannazar iki juwanyň öýkeleşen wagty olary ýaraşdyrmaga ökdedi. Men şonuň usullaryny uniwersitetde partkom bolup işleýärkäm ulandym, gowy netije berýärdi.

Gurbannazarlarda saz çalyp otyrys, ikimiz. Ol sazdan tutýarys, bu sazdan tutýarys. Gurbannazar maňa:

— Derýa, näme üçin "Sen-sen" sazyny biziň ajaýyp mukamçylarymyz çalmandyr-a? Ýogsa, eline birinji gezek dutar alan şol sazdan başlaýar.

— Gurbannazar, dogrudanam, nädip şol saz ussatlar tarapyndan unudyldyka?

Şu gürrüňler baryp, 1970-nji ýyllarda bolupdy. XX asyryň 90-njy ýyllarynyň ortalarynda men Büzmeýiniň Garadaşaýak obasynda ýaşaýan Seýitmuhammetlere bardym. Onuň öýünde meşhur sazanda Ýagmyr Nurgeldiýew saz çalyp oturan eken. Men Ýagmyr aganyň dutarynyň kirişlerini

gowşadyp, ony ýygnajak bolanda, oňa Gurbannazaryň aýdan şol sowalyny berdim:

— Ýagmyr aga, näme üçin ussat sazandalar, şu döwrüň ussatlary türkmeniň “Sen-sen” diýen sazyny çalanoklar, bolmasa, hemme dutarçynyň ilki öwrenýän sazy şondan başlanýar-a? — diýenimde, ol:

— Aý, ol birhili, ýeňil saz bolany üçin ussatlar özi üçin... garaz, çalmandyrlar — diýdi.

— A siz çalaýyň. Meselem, Mylly Täçmyradow “Enäni”, “Nar agajyny”, hatda Çary Täçmämmedow “Ýarowjany” ýeňil sazlar diýip çalman goýmandyrlar ahyry — diýenimde, ol:

— Hany, göreli-le çalyp, seniň diýýäniň dogry bolmagy mümkin — diýip, ýaňky sazy şeýle bir çaldy welin, özem haýran galdy oturyberdi.

Meniň guwanýan zadym bolsa, aradan iki-üç gün geçmänkä telewideniýede ýaňky sazy Ýagmyr Nurgeldiýew çalyp goýberdi, soň radioda ýaňlandy. Gurbannazaryň bir wagtky aýdan şol pikirini şu döwürde durmuşa geçirenim üçin özümden göwnüm hoş boldy.

## SÖZSOŇY

Hawa, ýazsaň ýazyp oturmaly, her günüň, her aýyň, her ýylyň barada, ýöne men şu ýerde häzirlikçe sözümi tamamlajak bolýaryn. Entek Halyl Kulyýew barada, umuman, uniwersitetiň 1960-njy ýyldan başlap, tä 1982-nji ýyla çenli döwri barada, ondaky okan talyplar barada, olaryň dünýägaraýşy barada, mugallymlar barada, uniwersitetiň ýolbaşçylary barada, umuman, häzirki zaman ýaşlaryna aýtmaly zatlar köp. Aýdara zat köp, aýtmasam, okyjymyň öňünde uly günä etdigim bolar. Şu ýerde beýik türkmen sopusy Mäne baba barada aýratyn durup geçesim gelýär.

Mäne baba ölüm ýassygynda demini sanap ýatyrka, onuň talyplary başujunda otyrlar. Ol üm bilen talyplaryň birine “Şol tekjedäki kitaby al” diýýär. Talyp kitaby eline alýar. Pylan sözi tapyp, manysyny okap ber diýýär. Talyp şol sözi tapyp okap berýär hem-de halypasyndan bir sowal bermäge rugsat soraýar. Rugsat berilýär. Ýaňky talyp:

— Halypam, özüňiz-ä soňky ýola barýarsyňyz, häzir şu dünýä bilen hoşlaşjak bolup dursuňyz, edil şu wagt şol sözüň manysyny bilmek size näme üçin gerek boldy? — diýip soranynda, Mäne baba:

— Eý, oglum, hernä bilmän ölenden, bilip öleniň ýagşydyr — diýipdir.

Men oýlanýaryn, eger-de, şu beýik pikiri nemes, iňlis, fransuz, arap, rus aýdan bolsady, onda ýaňky sözler olaryň okuw mekdepleriniň iň görnükli ýerinde ýazylyp goýlardy. Ýöne bu pikiri, bu ajaýyp mähek daşy ýaly sözleri aýdan türkmendi...

Sowet döwründe türkmenler birnäçe özge halklar bilen gatnaşykly ýaşamagy öwrendi. Şol halklardan biziň gündelik durmuşymyza giren birnäçe däpler bar. Olaryň biri hem doglan günüňi bellemek. Gurbannazaryň doglan güni Nowruz aýynyň 1-i, meniňki — Nowruzyň 4-i, men Gurbannazardan üç ýyl, üç gün ýaş. Ýylda-da doglan günümizi bellärdik. Baýdak aýynyň ahyrlarynda: "Nowruzyň 1-i ýetip gelýär, nähili belläris? Şuny, gel, ikimize ortalyk bolar ýaly, Nowruzyň 2-sine belläýeli" — diýip, ikimiz ylalaşýarys. Soň nähili bolýar? — Nowruzyň 1-ine Gurbannazarlara üýşýäris, 2-sine-de şol ýerdediris, soň Nowruzyň 3-4-ine bizde, yz ýanam aýyň 8-ine aýallaryň şol mahalky baýramçylygy ýetip gelýändir. "Bahar aýynda dogulmak, gör, nähili hezillik" diýerdi. Ýogsa-da, Täleýnama boýunça Baýdak aýynyň 20-sinden Nowruz aýynyň 20-si aralygynda doglan çagalar, eger gowy terbiýe alan mahallarynda geljekde belli adamlar bolup çykýar.

Gurbannazar Ýazyjylar birleşiginde işleýärdi. Bahar aýlary Ýazyjylar birleşigine ýerlerden köp goşgy iberilýän ekeni, bularyň bolsa hemmesini okamaly, jogap ýazmaly, şonuň üçin Gurbannazar Nowruz aýy ýetiberende: "Goşgular ýagyp başlarow indi" diýerdi. Men bolsa oňa jaň edip: "Ýoldaş Ezizow, men bir ajaýyp poema ýazdym, siz şony okap, öz gymmatly pikirleriňizi aýdaýsaňyz — diýenimde, ol:

— Jan, Derýa, oýun etmesene, şondanam bir oýun bolarmy? — diýerdi.

— Dur entek, okajak däl diýiberme. Men bir beýik simfoniýa-da ýazdym, ony Nury Halmämmede diňledip görjek, senem diňläp göräý — diýenimde ol jak-jaklap gülüp:

— Onda poemany saza geçirip, ikimizem Nura aýdyp bersek, Nury ýykylyp, soň galmaýaram — diýerdi.

...Arada Gurbannazarlara bardym. Gurbannazaryň ejesi Gülnabat daýza Gurbannazaryň ogul agtygyny gujagynda oýnadyp oturan ekeni. Gurbannazaryň agtygynyň adyna Abdyleziz diýip, onuň atasynyň adyny dakypdyrlar. Goý, adyna mynasyp ýigit bolsun! Gurbannazaryň nesli dowam edýär.

Şu ýerde Gülnabat daýza Gurbannazaryň Krymdan ýazan hatyndan bir goşgy okap berdi, ol goşguda meniň adym hem bar eken. Şol goşgudan bir bendini okyja ýetireýin diýdim:

... Tokardan aýrylyp çalardy başym,
Derýasyz saýramaz bagymda guşum,

Hany Annaberdi – ol galam-gaşym,
Loňkum sag-amanmy, ol ýerde, begler?

Gurbannazary iň soňky gezek görşüm şeýleräk boldy. Men öýde otyrdym, telefon jyňňyrdady, aňyrdan Mele Badaýew maňa:

— Derýa Kulyýewiç, Krasnowodskiden dostumyz Wladislaw Saparow gelipdir, ol seni görmän gitjek däl diýýär. Biz saňa "Türkmenistan" restoranynyň öňünde garaşýarys, gaýrat et-de, gel.

Wladislaw Saparow uniwersitetiň ýuridiki fakultetini gyzyl diplom bilen tamamlap, Krasnowodskide sudýa bolup işleýärdi.

Biz restoranda agşamky naharymyza başlanymyzam şoldy welin Gurbannazar Orazmyrat Gurdow, Ýuriý Rýabinin, Orazguly Annaýew, moskwaly şahyr Wasiliý Şabanow (onuň şoldugyny soň bilip galdym) dagy bilen girip, bir stoluň başynda oturdylar. Olar bizi görmediler. Restoran adamdan doludy. Men Mele bilen Wladika:

– Pul ýagdaýyňyz gowumy? – diýdim.

– Arkaýyn bolaý – diýlenden soň, ofisianty ýanyma çagyryp, Gurbannazaryň oturan stoluna iki çüýşe şampanskini biziň hasabymyza goýmaly diýip tabşyrdym. Ol diýenimiz ýalam etdi. Gurbannazar şondan soň bizi gördi we biçak begendi. Ol: "Oglanlar, siz şeýle bir gowy iş etdiňiz, myhmanyň ýanynda biziň abraýymyzy göterdiňiz, sag boluň, sag boluň, ine, türkmeniň türkmen bolýan ýeri" diýdi.

Soň biz stolumyzy birikdirdik... Iň soňky duşuşygymyz eken, iki günden soňam şum habar geldi...

...Gurbannazaryň tabydyny öýden alyp çykanymyzda, Beki Seýtäkow Kerim Gurbannepesowyň elinden tutup:

— Gurbannazarymyzam ýitirdik — diýdi.

Şu ýerde Halyl şahyryň setirleri ýadyma düşýär:

Gör, neneň hekaýat, bolmasam-da men,
Adamlar öljek däl, baky ýaşajak.
A men bolsa, adamlardan aýrylyp,
Bir minudam ömür sürüp biljek däl...

Dünýä hiç kime baky berilmändir, hemme-de gitmeli, ýöne wagty bilen bolaýsa-da! Ýok, toba estagpyrylla, men Ýaradanyň birnäçe işleri bilen razylaşyp bilemok...

Şeýdip institutyň gapysyndan girip, ýokarky gata, talyplaryň ýanyna barýaryn.

Gurbannazaryň:

... Häzir bolsa galdy soňky basgançak,
Basym çyk, basymjak okuw başlanjak!...

– diýýän sesi bolsa, şo-ol gulagymda ýaňlanyp dur, ýaňlanyp dur!..

*2000-nji ýylyň Baýdak aýynyň 9-y.*

## MAZMUNY


Elkyssa....................................................................3
Alles Anfang ist schwer – ähli zadyň başlangyjy kyn.......................................................12
Gökderede başlanan dostluk..........................15
Gurbannazar Ezizow we türkmen milli sazy.......................................................18
Gurbannazar Ezizow we Nury Halmämmedow.......................................24
Döwür hakdaky pikirler................................41
Dost waspy..................................................49
Mehinde......................................................55
Gurbannazar haçan işleýär?..........................57
Aç-açan gürrüň............................................58
Gurbannazaryň öýünde................................67
Dostluk gatnaşyklary...................................72
Ogul küýsegi...............................................76
Maşyn.........................................................80
Gurbannazaryň aýratynlyklary....................81
Sözsoňy.......................................................90

Edebi neşir

Derýa Baýramgulyýew

# MENIŇ DOSTUM GURBANNAZAR

Redaktor Hydyr Gylyçhanow.

Ýygnamaga berildi 1.03.2000 ý. Çap etmäge rugsat edildi 1.09.2000 ý. Ölçegi 84/108 $^{1}/_{32}$. Ofset çap ediş usuly. Çap listi 6. Sany 5.